TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – TÜRKMENISTAN WE HYTAÝ GADYMY TARYHY BOLAN ÝURTLARDYR. ASYRLARYŇ DOWAMYNDA BIZIŇ HALKLARYMYZ DÜRLI GÖRNÜŞLERDE GATNAŞYK SAKLAP, ÖZBOLUŞLY TEJRIBE TOPLADYLAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
5-nji sentýabr, 2025. Belgisi 36/1654



TÜRKMEN–HYTAÝ GATNAŞYKLARY KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYGYŇ AJAÝYP NUSGASY

Ýakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda boldy. Saparynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine gatnaşdy, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen resmi duşuşygy boldy, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýan bilen duşuşygy boldy we Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygynyň hormatyna Pekinde geçirilen dabaraly çärelere gatnaşdy.

Häzirki wagtda türkmen-hytaý gatnaşyklary özara hormat goýmaga, umumy bähbitlere esaslanýan köpugurly hyzmatdaşlygyň üstünlikli nusgalarynyň biri bolup durýar. Bu hyzmatdaşlyk syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, energetika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda yzygiderli ösdürilýär. Häzirki dünýä we sebit ýagdaýlary bilen baglylykda, bu gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagy iki ýurduň, şeýle hem tutuş Ýewraziýa yklymynyň durnuklylygyna, ösüşine oňyn täsirini ýetirýär. Türkmenistan bilen Hytaý strategik hyzmatdaşlar bolmak bilen, parahatçylyk, durnukly ösüş ýörelgelerine ygrarlydyklaryny görkezýärler. Bu hyzmatdaşlyk özara hormat goýmaga, deňhukuklylyga esaslanyp, diňe bir iki ýurduň däl, eýsem, tutuş sebitiň gülläp ösmegine hem gönükdirilendir. Şeýle ygrarlylyk ýurtlarymyzyň daşary syýasatynda, bilelikdäki taslamalarda, halkara guramalaryň çäklerindäki işjeň hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapýar.

Iki ýurt hem halkara gatnaşyklarda deňhukuklylyk we beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulmazlyk ýörelgelerinden ugur alýar. Türkmenistan bitarap döwlet hökmünde gapma-garşylyklaryň öňüni almak üçin dialogy, diplomatik çözgütleri öňe sürýär. Hytaý hem, öz nobatynda, ählumumy wehimlere garşy inklýuziw çemeleşmäni yzygiderli ilerledýär. Ykdysady hyzmatdaşlyk iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklarda esasy orny eýeleýär. Energetika, ulag we infrastruktura ulgamlaryndaky taslamalar diňe bir iki ýurduň milli ykdysadyýetleriniň ösüşine ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, sebitde durnuklylygy pugtalandyrmaga hem mümkinçilik döredýär. Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi munuň aýdyň mysalydyr. Bu transmilli gaz geçirijisi adaty täjirçilik taslamasy bolman, energetika howpsuzlygyny üpjün edýän we uzak möhletleýin ykdysady ösüş üçin binýady döredýän strategik taslamadyr.

Döwletara gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga uly üns berilýär. Özara Medeniýet günleriniň geçirilmegi, akademiki alyşmalar we ylmy hyzmatdaşlyk halklaryň arasynda özara düşünişmegi pugtalandyrýar. Şeýle dialog medeni gatnaşyklaryň döwletleri ýakynlaşdyrmaga ýardam berýändiginiň aýdyň nusgasydyr. Umuman, Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk iki ýurduň parahatçylyk, özara düşünişmek, durnukly ösüş ýörelgeleri esasyndaky netijeli dialogynyň anyk mysaly bolup durýar. Olaryň bilelikdäki tagallalary sebitde uzak möhletli durnuklylyk we abadançylyk üçin berk binýady döredip, ählumumy meseleleriň çözgüdine saldamly goşant goşýar.

Döwlet Baştutanymyz Hytaýa şu gezekki saparynyň dowamynda giň gerimli çärä – «ŞHG+» formatyndaky ýokary derejeli duşuşyga gatnaşdy. Hormatly Prezidentimiziň bu sapary Türkmenistanyň köpugurly daşary syýasatynyň pugtalanýandygyny we onuň sebitiň döwletleri bilen dialogy giňeltmegi maksat edinýändigini tassyklaýan möhüm waka öwrüldi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şeýle abraýly çärä gatnaşmagy ýurdumyzyň sebitde durnukly ösüşi üpjün etmekde eýeleýän ähmiýetli ornuny nobatdaky gezek görkezdi.

Döwlet Baştutanymyzyň Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy bilen geçiren ýokary derejeli gepleşikleri saparyň esasy wakasy boldy. Iki ýurduň Baştutanlary strategik ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berip, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň meseleleriniň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar. Hususan-da, energetika ulgamynda üstünlikli hyzmatdaşlyk edilýändigi bellenildi. Şeýle hem taraplar söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň mümkinçiliklerine seretdiler.

Hormatly Prezidentimiziň HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary bilen duşuşygynyň dowamynda söwda-ykdysady, ulag-logistika ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Taraplar medeni-ynsanperwer, ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Birnäçe möhüm ikitaraplaýyn resminamalara gol çekilmegi saparyň esasy netijeleriniň biri boldy. Bu resminamalar dürli ugurlary öz içine alyp, strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de çuňlaşdyrmak we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk hukuk binýadyny döredýär. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasyna saparynyň çäklerinde HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň çakylygy boýunça Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygynyň hormatyna Pekinde geçirilen dabaraly çärelere gatnaşdy.

Umuman, hormatly Prezidentimiziň HHR-e amala aşyran sapary türkmen-hytaý gatnaşyklaryny ösdürmekde möhüm ädim bolup, onuň strategik häsiýetini tassyklady. Gepleşikleriň netijeleri we gol çekilen resminamalar özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin täze gözýetimleri açyp, iki ýurduň abadançylygyna gönükdirilen giň gerimli taslamalary durmuşa geçirmäge ýardam berer. Döwlet Baştutanymyzyň bu sapary Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ýörelgelerine laýyklykda, netijeli dialoga hem-de ählumumy meseleleriň çözgütlerini işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşmaga taýýardygyny görkezdi.

Bilim ulgamy özgertmeleriň we rowaçlyklaryň ýoly bilen

Bilimler we talyp ýaşlar gününde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasy boldy. Uniwersitetiň binalar toplumy 9 gatly baş binany, 4 sany okuw binasyny, 2 sany her biri 300 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýyny, mejlisler zalyny, kitaphanany, naharhanany, ýapyk we açyk sport desgalaryny özünde jemleýär. Täze bilim ojagynyň okuw maksatnamalary esasynda ýaşlara döwrebap tejribeler, telekeçiligiň hukuk we işewürlik esaslary, sanly tehnologiýalar eýýamynyň möhüm bilimleri öwrediler. 3

Ýaşulularyň göreldesi – terbiýe mekdebi

Halkymyzyň asyrlardan bäri durmuşyň wajyp meselelerini halkyň içinde sylanýan, hormatlanýan adamlar bilen maslahatlaşyp, sala salşyp çözendigi bize taryhdan mälimdir. Halkymyzda «Maslahatly il myrada ýeter», «Geňeşli il salamat bolar», «Döwletliniň başlan işi oň bolar», «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» ýaly pähimler bar. Häzirki döwürde hem milli däplere laýyklykda, her bir işi maslahatlaşmak asylly däbe öwrüldi. Şol döwletli maslahatlarda kabul edilýän çözgütler hem il alkyşy, halk goldawy bilen ýurdumyzyň täze ösüşlerine badalga berýär. Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda Halk Maslahatynyň ata-babalarymyzyň ýaşululardan maslahat sorap, akyldar, ylymdar geňeşdarlary ýygnap, karara gelmek ýörelgesidigini, demokratiýany durmuşa ornaşdyrmagyň bir ugrudygyny belleýär. 3

HER BIR DÄNÄŇ MÜŇ BOLSUN!

3-nji sentýabrda ýurdumyzda güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermegi bilen, bu möhüm oba hojalyk mösümi ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda birbada badalga aldy.

Döwlet Baştutanymyzyň 29-njy awgustda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde belleýşi ýaly, oba hojalyk pudagynda geçirilýän düýpli özgertmeler ýokary hilli oba hojalyk önümleriniň möçberini artdyrmaga, azyk bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiz gallaçylar üçin möhüm we jogapkärli mösüm bolan bugdaý ekişiniň ýetip gelendigini aýdyp, ekişi agrotehniki möhletlerde, guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Diýarymyzda 3-nji sentýabrda bugdaý ekişine girişmäge ak pata berip, zähmetsöýer gallaçylara, ählі oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Halkymyzyň asylly däbine görä, hormatly ýaşululary Beýik Biribardan ak bugdaýyň bol hasylyny dileg edip, ekişe badalga berdiler. Göwnejaý taýýarlanan topraga «Her bir dänäň müň bolsun!» diýen sözler bilen bugdaýyň ilkinji tohumlaryny sepip, ýaşululary we olaryň ýaş kömekçileri ekiş nobatyny mehanizatorlara berdiler.

Döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, ekerançylarymyz geljek ýylyň bugdaý hasyly üçin niýetlenen ekin meýdanlaryny öz wagtynda sürüp we gurplandyryp, jogapkärli mösüme aýratyn yhlas bilen girişdiler. Şunuň bilen bir hatarda, bugdaýyň ýokary hasyl berýän görnüşleriniň tohumlary, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalary öňünden taýýar edildi.

Oba hojalyk pudagyny ösdürmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şol syýasat Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Bu ulgamda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek, dürli oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň hasabyna obasenagat toplumynyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda wezipeleri çözmäge ýardam berýän giň gerimli çäreler amala aşyrylýar. Şeýle özgertmeleriň çäklerinde pudagy sanly ulgama geçirmek, iň täze tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak üçin degişli işler alnyp barylýar. 2

Gün elektrik bekedi gurulýar
Hytaýyň Tibet platosynda dünýäniň iň uly Gün elektrik bekediniň gurulýandygy habar berildi. 4

Ýolyşyk haçan oýlanyp tapyldy?!
Pyýadalaryň we awtoulaglaryň, käbir şäherde welosipedçileriň hereketini sazlaýan ýolyşyk häzirki wagtda durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. 5

Ožieniň 65-nji ýeňşi
Dünýä Ralli çempionatynyň mösümdäki 10-njy ýaryşy Paragwaýyň Enkarnasion şäherinde geçirildi. 335,22 kilometrlik 19 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşda Sebastian Ožie hemmeden öň pellehana gelmegi başardy. 7

UEFA Çempionlar Ligasynyň 71-nji mösüminiň bijeleri çekildi
UEFA Çempionlar Ligasynda täze mösümde liga tapgyrynda çykyş etjek 36 klub belli bolup, olaryň özara geçirjek duşuşyklarynyň bijeleri çekildi. 8

Alymlar Marsyň içinde näme bardygyny anykladylar

Astronomlar NASA-nyň «InSight» atly marsohody arkaly alnan seýsmiki maglumatlaryň netijesinde Marsyň içki gurluşynyň nähilidigini anykladylar. London Patyşalyk kollejiniň ylmy işgäri, doktor Konstantinos Haralambusyň ýolbaşçylygyndaky topar Gyzyl planetada bolup geçen sekiz sany güýçli ýertitremäni we meteorlaryň düşmegini öwrendiler. Seýsmiki tolkunlaryň ýaýraýyş şekili öwrenildi, planetanyň mantiýasynda ululygy 4 kilometre ýetýän äpet gaýalyklaryň bardygy anyklandy. Bu bölekleriň planetanyň ilkinji emele gelen wagtynda bolup geçen kosmiki çaknyşyklaryň galyndylarydygy bellenilýär.

Gün ulgamynyň emele gelen ilkinji 100 million ýylynda Mars we Ýer ýaly içerki planetalara köp mukdarda meteorit gaçdy. Alymlaryň pikiriçe, bu çaknyşyklar Marsyň entek täze emele gelen daşky gatlagyny böwsüp, giň magma (Ýeriň aşaky gatlaklarynda ýerleşýän suwuk haldaky aşa gyzgyn massa) «deňziniň» emele gelmegine sebäp bolupdyr. Planeta sowandan soňra dürli himiki birleşmelerden emele gelen äpet



daşlar mantiýada gysylyp galypdyr. Ýerdäki şeýle gurluşlar bolsa, tektonik hadysalar sebäpli bireýýäm ýok bolup gidipdir.

Astronomlar geljekde bu maglumatlary Wenera we Merkuriý planetalarynyňky bilen deňeşdirip görmegi meýilleşdirýärler.

Üç doganyň rekordy: Ýuwaş ummanyny kürekläp geçdiler

Şotlandiýaly doganlar Maklinler Ýuwaş ummanyndan durmazdan we diňe küregiň güýji bilen hereket edýän gaýyk bilen iň gysga wagtda geçip rekord goýdular. Edinburgly Ýuen, Jeými we Laklan Maklin dagy aprel aýynda Perunyň Lima portundan 14 müň kilometrlik syýahatyna başladylar. Kürekçiler ýeňil material-

dan ýasalan gaýygy bilen çylşyrymly howa şertlerindäki kyn syýahatyny 139 gün 5 sagat 52 minutda tamamladylar. Olar syýahatynyň dowamynda dürli kynçylyklara sezewar bolupdyrlar. Doganlaryň körpesi, 27 ýaşly Laklan iýulda güýçli ýel bolanda deňze gaçypdyr. Agalary ony şobada halas edipdirler.

Deňizçileri Awstraliýanyň Kerns portunda maşgala agzalary we halk köpçüligi gyzgyn garşy aldy. Şeýlelikde, doganlar Günorta Amerikadan Awstraliýa aralygyny gaýykda küreklap geçen ilkinji topar hökmünde hem taryha girdiler.

Mundan ozal, 2014-nji ýylda russiýaly Fýodor Konýuhow Çiliden Awstraliýa çenli 11 müň 393 kilometr aralygy 159 gün 16 sagat 58 minutda geçip, rekord goýupdy.

Erkek doganlar bu rekordy Madagaskarda suw arassalaýjy desga gurmaga serişde toplamak maksady bilen goýdular. Olar syýahatynyň ahyryna çenli 700 müň funt sterlingden gowrak pul topladylar. Indi olar birneme dynç alandan soňra geljek hepde, Sidneýiň deňizçilik muzeýindäki çärä gatnaşarlar.

Ýuwaş ummanynyň Kaliforniýa-Gawai aralygy köp ulanylýan hem bolsa, köp deňizçi Günorta Amerikadan Ýuwaş ummanyna gitmek üçin bu ugry saýlamaýar. Şu ýyl litwaly Aurimas Mokus şol ugur bilen çykan syýahatyny güýçli ýel sebäpli tamamlap bilmändi.

Dünýäniň gurply adamlarynyň sanawy

Maliýe-ykdysady habarlary ýaýradýan «Forbes» žurnaly dünýäniň iň baý adamlarynyň sanawyny ýaýratdy. Sanawyň ilkinji onlugyna girenleriň umumy baýlygy 1% artyp, 2,13 trillion amerikan dollaryna ýetipdir. Sanawyň başynda kosmos pudagyna goýýan maýa goýumy bilen tanalýan Ilon Mask bar. «Tesla», «SpaceX» we X kompaniýalarynyň ýolbaşçysy bolan işewüriň baýlygynyň 415,6 milliard amerikan dollaryna golaýdygy mälim edildi. Ikinji orny «Oracle» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Larri Ellison eýeledi. Tehnologiýa kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň 270,9 milliard dollar baýlygy bar. «Meta»-nyň esaslandyryjysy Mark Sukerberg (253 milliard dollar) üçünji bolupdyr. Bir döwürler birinji orna hem çykan «Amazon»-yň esaslandyryjysy Jeff Bezos 240,9 milliard dollary bilen dördünji bolupdyr. Ilkinji onluga Larri Peýj (178,3 «Google»),

Sergeý Brin (165,9 «Google»), Bernar Arno (154,1 LVMH), Stiw Ballmer (151,3 «Microsoft», «LA Clippers»), Jensen Huan (150,4 «Semiconductors») we Warren Baffett (150,4 «Berkshire Hathaway») bar.

Arassa energiýanyň täze görnüşi

Ýaponiýanyň Fukuoka şäherinde osmotik basyş tapawudyndan peýdalanyp elektrik energiýasyny öndürýän desga işe girizildi. Şeýlelikde, bu beket gaýtadan dikeldilýän energiýanyň täze görnüşi hasaplanýan bu usul arkaly energiýa öndür-

ýän ikinji desga boldy. Bu tehnologiýada süýji we şor suwuň garylmagy netijesinde emele gelýän energiýa ulanylýar. Desganyň ýyllyk önümçilik kuwwatynyň 880 müň kilowat/sagatdygy mälim edildi. Bu möçber 220 öýi elektrik energiýasy bilen üpjün etmäge ýetýär. Emma bu ýerde öndürilýän elektrik energiýasy şäherdäki suw arassalaýjy desgada ulanylýar.

Osmos ýarymgeçiriji gatlak arkaly pes dykyzlykdaky suwdan has dykyz suwa geçiş diýmegi aňladýar. Süýji suw gatlagyň şor suw guýlan beýleki tarapyna geçende basyş emele getirýär. Bu basyş bolsa turbinany aýlap, elektrik energiýasyny öndürmäge mümkinçilik berýär.

Şeýle tehnologiýaly desga ilkinji gezek 2023-nji ýylda Daniýanyň Mariager şäherinde gurlupdy. Bu tehnologiýa Norwegiýa we Koreýa Respublikasynda hem synagdan geçirilýär.

Bilermenler bu usulyň ýel we Gün beketlerinde bolşy ýaly tebigy şertlere garaşly däldigini, islendik wagtda elektrik energiýasyny öndürip bilmegi bilen tapawutlanýandygyny belleýärler.

Orazbibi BERDIÝEWA,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.

Syýahatçy sanynda we girdejide rekord goýdy

Ýewropanyň güneşli ýurdy Ispaniýa ýylyň 7 aýynda 55,5 million syýahatçyny myhman aldy. Degişli döwürde ýurt syýahatçylyk pudagyndan 76 milliard 74 million ýewro girdeji gazanypdyr. Bu barada ýurduň milli statistika instituty habar berýär. Degişli döwürde Ispaniýa baran syýahatçylaryň sany 4,1% köpelipdir. Her syýahatçynyň sarp eden pul serişdesi bolsa, 7,2% artyp, jemi 76 milliard 74 million ýewro bolupdyr. Ispaniýa, esasan, ýewropaly syýahatçylar barypdyr – 11 million töweregi angliýaly, 7,1 million fransiýaly we 6,9 million germaniýaly, 3 milliondan gowrak italiýaly. Her syýahatçy bir günde ortaça 210 ýewro, jemi 1 müň 493 ýewro pul harçlapdyr.

Geçen ýyl ýurt 94 million daşary ýurtlyny kabul edipdir. Ýurduň syýahatçylyk ministrliginiň ýolbaşçylary ýylyň ahyryna çenli 98 million daşary ýurtlynyň gelmegine garaşýarlar.

Uçýan ulagyň synag uçuşy başlady



Uzak wagtdan bäri uçýan awtoulaglaryň üstünde işlenilýär. Häzirki wagtda uçýan kiçi göwrümli ulaglardan peýdalanylýan hem bolsa, adaty maşynyň uçýan görnüşi ýok. Indi bolsa, amerikan işewüri Ilon Maskyň maliýeleşdirýän taslamasynyň çäklerinde uçýan ulagyň synagy ýola goýuldy. Ulag ganatlaryny açmazdan 170 kilometr aralygy uçup geçip bilýär. Ulagyň bahasynyň 300 müň amerikan dollarydygy mälim edildi. Uçary işläp taýýarlaýan ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky San Mateo şäherindäki «Alef» kompaniýasy iki aeroport bilen synag uçuşlaryny amala aşyrmak üçin şertnama baglaşdy. Ulagyň daşyndan görünýän hiç hili ganaty ýok. Adaty ýollarda sürüp bolýan ulag dikligine uçup hem gonup bilýär.

Iň güýçli suwüsti ýel turbinasy



Hytaýyň «Dongfang Electric» kompaniýasy kuwwaty 26 megawat bolan dünýäde iň güýçli deňizdäki ýel turbinasyny işe girizdi. Bu turbinanyň beýikligi 185 metr, periniň diametri 310 metr. Desganyň perleri 77 müň inedördül metr meýdanda aýlanýar. Bu bolsa, 10 futbol meýdançasynyň ululygyna barabar diýmekdir. Turbinanyň poslamagynyň we zaýalanmagynyň öňüni almak üçin ýokary derejeli tehnologiýalar ulanylypdyr. Bu bolsa, onuň ulanyş möhletini artdyrar. Şeýle hem bu gurluş ýeliň sagatda 200 kilometre çenli tizligine çydap bilýän 30 müňden gowrak bölegi öz içine alýar. Ol energiýa toruna birikdirilenden soň, ortaça sekuntda 10 metrlik tizlik bilen ýylyň dowamynda 100 gigawat/sagat elektrik energiýasyny öndürmäge ukyplydyr. Bu bolsa, 55 müň öýi elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmäge ýetýär. Ýel turbinasy 30 müň tonna kömri tygşytlamaga we kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny 80 müň tonna çenli azaltmaga mümkinçilik döreder. Mundan ozal Daniýada deňziň kenarynda oturdylan «Siemens Gamesa» desgasy iň uly suwüsti ýel turbinasydy. Onuň önümçilik kuwwaty 21,5 megawata barabar.

Mährem BABAMYRADOWA,
Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.

HER BIR DÄNÄŇ MÜŇ BOLSUN!

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Oba hojalygynyň gaýtadan işleýän döwrebap kärhanalaryny, elewatorlary, saýlama tohumlyk bugdaý taýýarlaýan bölümleri bolan degirmen toplumlaryny, mineral dökünleri öndürýän zawodlary gurmaga uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda» ýurdumyzyň sebitlerini ösdürmek boýunça kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Güýzlük bugdaý ekişiniň başlanmagy mynasybetli welaýat we etrap häkimlikleriniň wekilleriniň,

daýhan birleşikleriniň ýolbaşçylarynyň, agronomlaryň, mehanizatorlaryň, gallaçy kärendeçileriň, hormatly ýaşulularyň gatnaşmagynda tejribe maslahatlary hem geçirildi. Olarda ekiş möwsümini guramaçylykly geçirmek, ak ekine ideg etmekde agrotehnikanyň döwrebap usullaryny we öňdebaryjy tejribäni ulanmaga degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Munuň özi ekerançylara ekişi bellenen möhletlerde, ýo-

kary hilli geçirmäge ýardam eder. Şeýle hem ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň we döwrebap tehnikalaryň sergisi guraldy. Ekiş möwsüminiň başlanmagy mynasybetli aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy.

SAGDYNLYGYŇ WE BAGTYÝARLYGYŇ SAZLAŞYGY

Gahryman Arkadagymyzyň parasaty bilen işlenip düzülen we häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirilýän «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamynda giň gerimli, uzak geljegi nazarlaýan işler amala aşyrylýar. Täze saglygy goraýyş merkezleri, hassahanalar, şypahanalar, bejeriş-dynç alyş merkezleri gurulýar, dünýä lukmançylygynda gazanylýan tejribeler işjeň ornaşdyrylýar. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan ugur alnyp kabul edilen milli maksatnamalardyr meýilnamalar saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde we halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda uly ähmiýete eýedir.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» esasynda Aşgabat şäherinde we welaýatlarda häzirki zaman kliniki, ylmy-kliniki merkezleriň, saglyk öýleriniň täze binalary gurulýar. Şeýlelikde, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde döwrebap saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygy dowam etdirilip, häzirki zaman lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilip, ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýär.

Häzirki wagtda ynsan saglygyny gorap saklamak, ýaş nesilleriň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, 16-njy awgustda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň Arkadag şäherinde bolup, «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän «Arkadag Medisina Klasteri» toplumynyň gurluşygynyň barşy bilen tanyşmagy, soňra bolsa gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Hytaý Halk Respublikasynda saparda bolup, saglygy goraýyş ulgamynda

hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen birnäçe möhüm duşuşyklary geçirmegi ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny has-da ilerletmek ugrunda giň tagallalaryň edilýändigini görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň düýbüni tutan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilip başlan gününden bäri geçen 30 ýylyň içinde ýurdumyzyň lukmançylyk ylmyny we bilimini ösdürmekde, ilatyň saglygyny goramakda belent sepgitlere ýetildi.

Maksatnama ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlaryny guramagyň öňdebaryjy halkara tejribesini nazara almak bilen, düýpli özgerdilmegine, keselleri bejermegiň we öňüni almagyň kämil usullarynyň ornaşdyrylmagyna, ýokary hünärli işgärleriň taýýarlanylmagyna hem-de lukmançylyk ylmynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine uly badalga berdi. Geçen döwürde ilatyň sagdyn durmuş ýörelgeleri babatda sowatlylygyny artdyrmak, keselleriň öňüni almak, näsaglygy wagtynda ýüze çykarmak boýunça geçirilýän toplumlaýyn çäreler keselleriň öňüni almaga hem-de ynsan ömrüniň dowamlylygynyň uzalmagyna getirdi. Ýurdumyzda täze doglan bäbeklerden başlap, gartaşan adamlara çenli ähli raýatlar üznüksiz lukmançylyk gözegçiligi bilen gurşalýar.

Hormatly Prezidentimiziň milli saglygy goraýyş ulgamyny düýpli özgertmek babatda alyp barýan syýasaty ýurdumyzy sagdyn hem bagtyýar adamlaryň mekanyna öwürmäge gönükdirilendir.

Gülälek ÝEGENGELDIÝEWA,
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, embriologiýa we sitologiýa kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.

IŇ YSSY TOMUS

Angliýanyň Meteorologiýa guramasynyň deslapky maglumatlaryna görä, ýurtda 1-nji iýundan 25-nji awgust aralygyndaky ortaça temperatura 16,13 dereje bolupdyr. Şeýlelikde, şu ýylky tomus uzak ýyllaryň ortaça temperaturasyndan 1,54 dereje yssy bolupdyr. Meteorologiýa guramasynyň ylmy işgäri Emili Karlisl mundan ozalky rekord yssy howanyň 2018-nji ýylda hasaba alnandygyny, şol ýylyň tomus aýlarynyň ortaça temperaturasynyň 15,76 dereje bolandygyny mälim etdi. Bu bolsa täze rekordyň hasaba alnandygyny görkezýär.

Bilermenler geljekde Angliýada tomus paslynyň has yssy we gurak bolup biljekdigini belleýärler.

Köne ýolagçy gämisi myhmanhana boldy

1914-nji ýylda gurlan «SS Medina» atly ýolagçy gämisi abatlanyp, myhmanhana öwrüldi. Bir asyrdan gowrak ozal ýasalan gämi Indoneziýanyň Bintan adasynda owadan tebigatly deňiz kenarynda «Doulos Phos» ady bilen myhmanhana hökmünde hyzmat edýär. Lýuks myhmanhanany döretmek üçin 18 million amerikan dollarlyk maýa goýum goýlupdyr. Bug bilen işleýän gämi ABŞ-nyň Wirjiniýa ştatyndaky «Nýuport Nýus» werfinde gurlupdyr. Ilkibaşda ýük daşamak maksady bilen ulanylan gämi

soňky ýyllarda ýolagçy gämisine öwrülipdir. Dürli ýyllarda başgaça atlandyrylan taryhy suw ulagy dünýäniň 100-den gowrak ýurdundaky portlarda labyr taşlap, jemi 360 müň deňiz milinden gowrak ýol geçipdir. Gämini 2010-njy ýylda singapurly işewür Erik Sow 900 müň ýewro satyn alypdyr. Soňra bolsa gämi ýörite döredilen labyr şekilli emeli ýarym ada ýerleşdirilipdir. Gäminiň agramy 6 müň 800 tonna, uzynlygy 428 metre ýetýär.

Sähra SAPAROWA,
Mary şäherindäki 27-nji orta mekdebiň mugallymy.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 5-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117046
Belgisi: 36/1654
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

Halk häkimiýeti dabaralanýar

Şu ýylyň 20-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirilip, onda birnäçe döwletli teklipler öňe sürüldi. Şolaryň arasynda ýurdumyzyň dolandyryş-çäk birlikleriniň meseleleriniň hem bolmagy halkymyzda hoşallyk duýgularyny döredýär.

Ýurdumyzyň döwlet dolandyryş ulgamyny, dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak boýunça degişli işler üstünlikli dowam etdirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyny kämilleşdirmek bilen bagly wezipeleri ýerine ýetirmek üçin guramaçylyk topary we welaýat häkimlikleri, beýleki degişli edaralar bilen bilelikde zerur işleri geçirýär.

Şeýle-de ýurdumyzyň welaýatlarynda, etrapdyr şäherlerinde, pudak edaralarynda Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk işleri we onuň ähmiýetini wagyz edýän köpçülikleýin çärelerdir dabaralar yzygiderli geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu möhüm syýasy-jemgyýetçilik çäräni üstünlikli geçirmäge mynasyp goşant goşjakdyklaryna bildiren berk ynamy halkymyzyň göwün guşuny ganatlandyryp, beýik işlere gatnaşmaga bolan höwesini artdyrýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda: «Türkmenistanyň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar» diýip beýan edilmegi halk häkimiýetiniň konstitusion kepillendirilmesidir. Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýurdumyzda uly jemgyýetçilik institut bolup, Halk Maslahatynda kabul edilen taryhy çözgütler, taryhy kararlar ýurdumyzyň ähli çäginde doly güýjüne eýedir. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda hereket

edýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynda kabul edilýän taryhy çözgütler her bir adama täsirini ýetirip, ruhubelentlik paýlaýar. Halk Maslahatynyň düzüminde durmuşyň ähli ugurlaryndan wekilleriniň bardygyny belläsimiz gelýär. Ýurdumyzda Halk Maslahaty hakynda Konstitusion kanun hereket edýär. Şol kanunyň maddalarynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzüm birligi, ýerine ýetirýän işleri, durmuşdaky orny baradaky ähli zatlar öz beýanyny tapýar.

Goý, tutumly işler, döwletli maslahatlar arkaly halkynyň her gününi bagta besleýän türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

Gülnara SAPARMÄMMEDOWA,
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň farmakologiýa kafedrasynyň uly mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.

Ýaşulularyň göreldesi – terbiýe mekdebi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Geçmişi, şu güni we geljegi baglanyşdyrýan, her bir şahsyýeti adamkärçilige, päk ahlaklylyga ugrukdyrýan, maşgala agzybirligini pugtalandyrýan, manyly ömür menzilleri, öwüt-ündewleri bilen belent maksatlara, täze üstünliklere ruhlandyrýan ýaşulularyň mertebesi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da belende göterilýär. Ýaşululara hormat goýmak, olaryň hormatyny belende götermek pederlerimizden miras galan asylly däpleriň biridir. Olaryň jemgyýetdäki mynasyp ornuny, ösüp gelýän ýaş nesli halallyk, watançylyk, zähmetsöýerlik, edermenlik ruhunda terbiýelemekdäki hyzmatyny biz şanly taryhymyzda, edebi mirasymyzda, gündelik durmuşymyzda hem aýdyň görýäris. Ýurdumyzda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşi hereket edýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ähli ugurlarda uly ösüşler gazanylyp, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli gowulandyrylýar. Bu gazanylanlary wagyz-nesihat etmekde uly durmuş tejribesi bolan ýaşulular halkymyzyň, hususan-da, ýaşlaryň arasynda degişli işleri alyp barýarlar. Şunuň bilen birlikde, ýaşlaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen asylly işleri, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň many-mazmunyny, ýurdumyzy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny wagyz-nesihat etmekde Ýaşulular geňeşiniň alyp barýan işi möhümdir.

«Ýaşulular agzybirligimizi pugtalandyrmakda, milli bitewüligimizi berkitmekde, watansöýüji nesilleri kemala getirmekde ýakyn maslahatçylardyr. Eziz Watanymyzy ýürekden söýmegi, ata-enä hormat goýmagy, halal ýaşamagy ündeýän ýaşuly nesillerimize hormatymyz örän uludyr. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşi häzirki döwürde döwlet bilen halkyň jebisligini, ösüş ýollaryna garaýyşlarynyň bitewüligini berkidýän esasy syýasy-jemgyýetçilik güýç hökmünde ornuny pugtalandyrýar» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri belledi.

Ýene sanlyja günden Aşgabat şäheriniň Maslahat köşgünde Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçiriler. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň 30 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda geçiriljek bu taryhy maslahatda geçen döwürde alnyp barlan işleriň jemi jemlener, geljek üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlener we ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmäge, halkymyzyň

abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipelerine garalar.

Häzirki wagtda Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görülýär hem-de ony guramaçylykly geçirmek üçin Halk Maslahaty, Ministrler Kabineti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler, iri jemgyýetçilik birleşikleri bilelikde degişli işleri alyp barýar.

Umuman, ýurdumyzda demokratik ösüşleriň çuňlaşdyrylmagy, raýat jemgyýetiniň işjeňleşmegi, ykdysady gatnaşyklaryň geriminiň yzygiderli giňemegi ýaly oňyn görkezijiler türkmen jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuş derejesini hem özgerdýär. Halkymyzyň röwşen geljegini nazarlaýan döwlet ähmiýetli meseleleriň çözgüdini kabul etmekde ýaşululara geňeşmek, sala salmak däbine eýerilmegi bolsa döwletlilikden we bagtyýarlykdan nyşandyr.

Maýsa SATYMOWA,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.

Halk maslahaty – döwletli geňeş

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän içeri we daşary syýasatymyz halkyň bähbidine gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, her ýyl däp bolşy ýaly, baş baýramymyz bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýunyň öňüsyrasynda geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi aýratyn ähmiýetli senedir. Sebäbi jemgyýetimiziň ösüşli geljegine gönükdirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyna özüniň oňyn täsirini ýetirmek bilen bir hatarda, dünýädäki abraýymyzyň has-da ýokarlanmagyna şertleri döredýär.

19-njy sentýabrda geçiriljek umumymilli foruma görülýän taýýarlyk işleri barha giň gerim alýar. Bilşimiz ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde 20-nji awgustda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi bu forumyň taýýarlyk işlerine badalga berdi. Şol mejlisde Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçiriljek senesini kesgitlemek hem-de guramaçylyk toparynyň düzümini tassyklamak bilen bagly meselelere seretdi hem-de degişli resminamalara gol çekdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkymyzyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edaradyr. Onuň işine jemgyýetçiligiň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň giňden çekilmegi hem şonuň bilen baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak däbi gadymdan bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridir. Häzirki taryhy döwürde bu asylly däpler ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiziň Garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny pugtalandyrmak, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny netijeli ulanmak, durnukly ösüşi üpjün edýän durmuş-ykdysady özgertmeleri geçirmek boýunça giň möçberli işler üstünlikli amala aşyrylýar. Halk Maslahatynyň bu ugurdaky möhüm orny aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Halk Maslahatynyň mejlislerinde döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemi jemlenýär, döwrüň talaplaryna, täze ykdysady şertlere laýyklykda häzirki döwürde öňde durýan möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Garaşsyzlyk türkmen halkyna öz ykbalyny özbaşdak kesgitlemek hukugyna daýanyp, milli däp-dessurlaryna, milli aňyýetine, durmuş tejribesine, taryhyna, mirasyna we milli häsiýetine esaslanýan, demokratik, dünýewi we hukuk döwletini berkarar etmek mümkinçiligini berdi. Umuman, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 19-njy sentýabrda geçiriljek nobatdaky mejlisi halk demokratiýasynyň we halk häkimiýetiniň milli ýol-ýörelgeleriniň dabaralanmasyna, halkymyzyň hormatly Prezidentimiziň daşyna mäkäm jebisleşmeginiň nyşanyna, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň we özygtyýarlylygynyň mizemezliginiň hem-de geljekki ösüşiniň kepiline öwrüler.

Gaýgysyz DÖWLETOW,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.

Awaza forumy – täze şertler, giň mümkinçilikler

Ýakynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty taryhy waka boldy. Bu forum dünýäniň deňze göni çykalgasy bolmadyk 32 ýurdy üçin köpugurly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak babatda möhüm halkara meýdança bolup hyzmat etdi. Häzirki ählumumylaşma we dünýä ykdysadyýetiniň üýtgäp durýan şertlerinde bu döwletleriň ösüş hem integrasiýa meseleleri aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Maslahatyň dowamynda bu döwletleriň geljek on ýyl üçin ösüşiniň strategik ugruny kesgitleýän 2024 – 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy yglan edildi hem-de Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi. BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň jemleri boýunça ileri tutulýan ugurlaryň 5-si kesgitlenildi.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak maksady bilen, 104 döwletden 1179, halkara guramalaryň 46-syndan 430, 35 döwletiň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden 166, daşary ýurt kompaniýalarynyň 13-sinden 20, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň medeniýet işgärlerinden 429 sany, umumylykda 2 müň 224 wekil ýurdumyza sapar bilen geldi.

5–8-nji awgust aralygynda 6 sany plenar mejlis, tematiki «tegelek stol» duşuşyklarynyň 5-si, ýokary derejedäki forumlaryň 7-si, ugurdaş çäreleriň 37-si (şolaryň 5-si Türkmenistan tarapyndan) geçirildi. Türkmenistan bilen daşary ýurtlaryň hem-de halkara guramalaryň arasynda ikitaraplaýyn resminamalaryň 6-syna gol çekildi. Birnäçe ugurdaş çäreler, şol sanda Ýaşlar forumy we beýleki köpugurly medeni-ynsanperwer çäreler halkara maslahatyň ähmiýetini has-da ýokarlandyrdy. Bu çäreler olara gatnaşan ýaşlara döwrebap pikir-garaýyşlaryny beýan etmäge, halkara başlangyçlara gatnaşmaga, başarnyklaryny ösdürmäge, röwşen geljegi gurmak işine goşantlaryny goşmaga we Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde tagallalary birleşdirmäge oňyn şertleri döretdi. Maslahata dürli ugurlarda köp sanly türkmen ýaşlarynyň gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlar syýasatyna aýratyn üns berilýändigini görkezýär. Ýaşlar durnukly ösüş, howanyň üýtgemegi, döwrebap bilim we tehnologiýalar ýaly ählumumy ugurlar babatda seslenmäge, düşünjelerini baýlaşdyrmaga giň mümkinçilik aldylar.

Çärelere meýletinçileriň, hususan-da, ýokary okuw mekdepleriniň daşary ýurt dillerini gowy bilýän talyplarynyň gatnaşmagy olar üçin bilimlerini amalyýetde kämilleşdirmek, halkara diplomatiýa çygrynda başarnyklary ele almak babatda gymmatly tejribe boldy. Şular ýaly başlangyçlar geljegi gurýan ýaşlaryň ösüşi üçin iňňän derwaýysdyr. Häzir türkmen ýaşlary sanly tehnologiýalaryň, innowasion bilimiň we ylmyň, täze işewürlik usullarynyň artykmaçlyklaryna oňat düşünýärler. Bu ugurda zehinli ýaşlary goldamakda Türkmenistanyň nusga alarlyk tejribeleriniň bardygy örän buýsandyrýar.

Bu ählumumy forumyň çäklerinde Zenan ýolbaşçylaryň duşuşygynyň hem geçirilmegi ýurdumyzda zenan sarpasynyň hemişe belentde tutulýandygynyň, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda, umumadamzat ähmiýetli her bir işde olaryň mynasyp ornunyň bardygynyň nobatdaky aýdyň güwäsidir.

Mälim bolşy ýaly, BMG-niň Awaza forumynyň çäklerinde geçirilen Zenan ýolbaşçylaryň duşuşygyna onlarça döwletiň ýolbaşçy zenanlary gatnaşyp, zenan durmuşyna degişli maslahat etdiler. Olar öz çykyşlarynda her bir ýurduň özüne mahsus meselelerini orta atdylar. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda zenanlara goýulýan belent hormat-sarpa, döredilýän mümkinçilikler we döwlet, jemgyýetçilik durmuşynda, dürli wezipelerde bildirilýän uly ynam özüniň buýsançly beýanyny tapdy. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň milli kanunçylygynda zenanlaryň hukuklarynyň kepillendirilýändigini, köp çagaly maşgalalara döwlet tarapyndan durmuş goldawlarynyň berilýändigini aýratyn bellemek gerek.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa BMG-niň Awaza forumynyň çäklerinde geçirilen Zenan ýolbaşçylaryň duşuşygynda eden çykyşynda maşgala gymmatlyklarynyň diňe bir ýakyn adamlary baglanyşdyrýan kadalar bolman, eýsem, terbiýäniň hem esasyny düzýändigini, bu gymmatlyklaryň bolsa adamy şahsyýet hökmünde kemala getirmekde wajyp orun eýeläp, maşgalany, umuman, jemgyýeti pugtalandyrmaga ýardam berýändigini nygtady.

Ýokary wekilçilikli maslahatyň çäklerinde Hazar deňziniň türkmen kenarynda geçirilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjanyň milli günleri, konsertler, şeýle hem tematiki sergiler, döredijilik duşuşyklary dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak, halklaryň baý medeni mirasy bilen içgin tanyşmak, ruhy gymmatlyklary wagyz etmek üçin netijeli meýdança öwrüldi.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň halkara derejeli çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülmegi syýahatçylyk pudagynyň ösüşine hem oňyn täsirini ýetirýär. Halkara çärelere gatnaşyjylar we olary şöhlelendirýän žurnalistler Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilik ýörelgeleriniň «ilçileri» bolup çykyş edýärler. Olar öz tomaşaçylaryna, okyjylaryna we diňleýjilerine Diýarymyzyň bagtyýar, asuda, abadan durmuşyny, dostanalygyny, hoşniýetli goňşuçylyk däplerini şöhlelendirýärler. Bu ulgamda ýola goýlan gatnaşyklaryň hem-de alnyp barylýan giň gerimli işleriň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň häzirki döwürdäki ösüşi, şeýle hem halkymyzyň baý taryhy-medeni mirasy barada göwün göteriji maglumatlar dünýä derejesinde giň halk köpçüligine elýeterli boldy.

Şeýle uly halkara maslahatyň ýurdumyzda geçirilmegi biziň her birimiz üçin belent mertebedir, halkymyza hem-de Watanymyza bildirilýän beýik ynamdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny artdyrmak, milli medeniýetimizi ösdürmek ugrunda alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Aýlar USSAÝEWA,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.

Köpýyllyk taryha daýanýan dostlukly gatnaşyklar

Dünýä ýurtlarynyň arasynda ilkinjileriň biri bolup Garaşsyz Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan Hytaý Halk Respublikasy häzirki döwürde ýurdumyzyň örän möhüm ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir. Ýurdumyzda HHR bilen strategik gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. 2022-nji ýylda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenildi. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň köpýyllyk taryhy bar. Şol döwürleriň dowamynda iki halkyň arasynda birek-birege düşünmek, medeniýetleriň, däp-dessurlaryň we dünýägaraýyşlaryň özara alyşmasy ýaly ösüşler bolup geçdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça öňe süren başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde taryhyň jümmüşinden gözbaş alýan türkmen-hytaý gatnaşyklary hakyky dost-doganlygyň mizemez sütünine öwrülýär. Bu şöhratly menziller pederlerimiziň dana pentlerini dowam etdirýän türkmen halkynyň köpasyrlyk hoşniýetli goňşuçylyk däplerine daýanýar.

Hytaý Halk Respublikasy bilen ýurdumyzyň arasyndaky ýola goýlan diplomatik gatnaşyklaryň esasynda ähli ulgamlar bilen bir hatarda ynsanperwer ulgamy hem türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Ýakynda zenanlardan ybarat türkmen wekiliýeti Hytaý Halk Respublikasynda saparda boldy. Saparyň çäklerinde ýurdumyzyň wekiliýetiniň agzalary birnäçe duşuşyklary geçirdiler hem-de hytaý halkynyň milli medeniýeti bilen tanyşdylar. Munuň özi Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň täze derejä çykarylýandygynyň nobatdaky beýany boldy. Türkmenistanyň we Hytaýyň köpasyrlyk taryhy bolup, ýurtlarymyzda milli däp-dessurlara, medeniýete aýratyn hormat goýulýar. Bu bolsa özara düşünişmek, dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin esas bolup hyzmat edýär. Sungat, ylym-bilim, sport ulgamlarynda özara tejribe alşylmagy dostlukly gatnaşyklary çuňlaşdyrmaga ýardam berýär. Iki ýurtda guralýan sergiler, festiwallar, konsertler, beýleki medeni çäreler halklarymyza birek-biregiň özboluşly medeni mirasy bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Hytaýa sapary ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde täze ädim boldy. Hytaýyň bilim ulgamy dünýäde öňdebaryjylaryň biridir. Türkmen talyplary HHR-de bilim alýarlar, Türkmenistanyň ýokary we orta mekdeplerinde hytaý dili öwredilýär. Şeýle hem iki ýurduň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda hem hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Çaga lukmançylygynda hem netijeli gatnaşyklary ýola goýmak maksat edinilýär.

Hytaý ýurdumyzyň iri söwda hyzmatdaşydyr. Nebitgaz ulgamy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda eýýäm birnäçe iri taslamalar amala aşyryldy. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi munuň subutnamasydyr. Hytaý işewürleri Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda pagta, ýod, brom, nebit önümlerini we beýleki türkmen harytlaryny satyn alýarlar. Ulag, logistika, aragatnaşyk, telekommunikasiýalar, sanly tehnologiýalar ulgamlary boýunça hem gatnaşyklar giňeldilýär. Türkmenistan Hytaý bilen diňe bir ikitaraplaýyn esasda däl, köptaraplaýyn esasda – iri halkara guramalaryň hem-de abraýly sebit düzümleriniň ugry boýunça, «Merkezi Aziýa – Hytaý» görnüşinde hem üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. Bu ýurtlaryň halklaryny türkmen halky bilen köpasyrlyk dostluk gatnaşyklary, medeni we ruhy däpleriň umumylygy birleşdirýär. Şol hyzmatdaş ýurtlar bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagy Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, häzirki döwürde Türkmenistan bilen Hytaý hakyky dostlar, öz döwletleriniň, bütin adamzadyň ösüşiniň örän möhüm meselelerini çözmekde ygtybarly hyzmatdaşlar hem-de pikirdeşler bolup durýarlar.

Kadyr ATAÝEW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.

Bilim ulgamy özgertmeleriň we rowaçlyklaryň ýoly bilen

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Uniwersitetde bir wagtyň dowamynda 3 müňe golaý talybyň bilim almagy, professor-mugallymlaryň netijeli işlemegi üçin ähli şertler bar.

Şeýle-de täze okuw ýylynyň başynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze goşmaça okuw binasynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmegi bizi diýseň buýsandyrdy. Institutyň täze desgalarynyň hatarynda 2 müň orunlyk täze goşmaça okuw binasy, 800 orunlyk umumyýaşaýyş jaýy, ýapyk görnüşli sport desgasy bar. Goşmaça okuw binasynda her biri 50 we 80 orunlyk umumy okuw otaglarynyň 18-si, 28 sany amaly okuw otagy, 6 kompýuter, 6 lingafon otagy, 57 sany okuw-tejribehana otagy ýerleşdirilendir. Bulardan başga-da, bu ýerde «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi, muzeý, ýaş alymlar otagy, kitaphana, elektron kitaphana, uly we kiçi IT meýdançalary, kibersport otagy, robot tehnikasy we emeli aň okuw otagy, 500 orunlyk mejlisler jaýy, kiçi mejlisler jaýy, döredijilik merkezi hereket edýär.

«Ýaş nesilleri mynasyp terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek döwletimiziň alyp barýan bilim syýasatynyň baş maksady bolup durýar. Şoňa görä-de, bilim ulgamyny geljekde hem yzygiderli ösdüreris we kämilleşdireris» diýip belleýän döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklary üçin ökde hünärmenleri taýýarlaýan Döwlet energetika institutynda «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi döredildi. Bu merkezde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň mümkinçiliklerini düýpli öwrenmek, ylmy-tehniki barlaglary döwrüň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Häzirki wagtda bu ylmy-önümçilik merkezinde Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda kabul edilen döwlet maksatnamalaryndaky wezipeleri durmuşa geçirmekde ylmyň esasy ugurlary boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barylýar.

«Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň döredilmegi, institutymyzda taýýarlanylýan hünärmenleriň hünär derejelerini has-da ýokarlandyrmaga, ösen tehnologiýalar bilen içgin tanyşmaga, energiýa tygşytlaýjy enjamlary önümçilik pudaklaryna ornaşdyrmagyň öňdebaryjy usullaryny özleşdirmäge mümkinçilik döredýär.

Bu merkezde ornaşdyrylan enjamlar dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň önümleri bolup, hakyky tebigy howa şertlerini emeli usulda döretmäge, ýük şertlerini simulasiýa etmäge, şöhlelenme we temperatura ýaly dürli faktorlara baglylykda Gün panelleriniň, ýel turbinasynyň öndürijiligini kesgitlemäge, olaryň tehniki aýratynlyklaryny çuňňur öwrenmäge, gorag funksiýalaryny, fotoelektrik Gün we ýel stansiýalar ulgamlaryny elektrik toruna we «akylly» tor düşünjelerine integrasiýasyny öwrenmäge, derňemäge, şeýle hem akkumulýator batareýalarda energiýany saklamagyň aýratynlyklaryna baha bermäge, özbaşdak elektrik üpjünçilik ulgamlarynyň şertlerini öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Soňky ýyllarda ýokary okuw mekdeplerinde bakalawr we magistr derejelerinde bilim bermegiň döwrebap usullarynyň üstünlikli ornaşdyrylýandygyny aýratyn bellemek gerek. Munuň özi ýaşlara bilim bermegiň häzirki zaman netijeli usuly bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, zerur hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, ýokary okuw mekdeplerinde hünärmen, bakalawr we magistr maksatnamalary boýunça täze ugurlar yzygiderli açylýar. Ähli ulgamlar bilen bir hatarda ylym we bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň esasy ýol-ýörelgesine öwrülmek bilen, ylmy-barlag işlerini we taslamalary ýerine ýetirmekde giň mümkinçiliklere ýol açylýar. Ylmy ösdürmek, onuň hilini täze, has ýokary sepgitlere çykarmak, ýurduň tehniki-ykdysady kuwwatyny berkitmek, halkyň medeni derejesini hem-de maddy üpjünçiligini ýokarlandyrmak bilen ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýyny belende göterýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň dabaralanýan ýylynda ýurdumyzda uly işler amala aşyrylýar. Berkarar ýurdumyzda halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleri rowaçlyklara beslensin!

Mähriban ORAZBERDIÝEWA,
Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň ylmy işgäri.

Il saglygy – ýurt baýlygy

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen häzirki wagtda ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek, ynsan saglygyny goramak bilen bagly işler giň gerime eýe bolýar. Hormatly Prezidentimiz «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek, raýatlarymyzyň saglygyny berkitmek, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar» diýip belleýär.

Hawa, täze taryhy eýýamda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda işlenip taýýarlanan «Saglyk» Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň işi, milli lukmançylygymyz yzygiderli kämilleşdirilýär, ilata hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hili ýokarlandyrylýar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky ynsan saglygyny goramak bilen bagly desgalaryň, şeýle hem şypahanalaryň ilatyň hyzmatynda goýulmagy bilen, ilatyň saglygynyň goragy has-da ýokarlandy. Ýylyň dört paslynda-da şypahanalarda dynç almaga, saglygyny berkitmäge isleg bildirýän raýatlaryň sanynyň köp bolmagy olaryň işiniň we ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejedediginiň görkezijisi bolup durýar.

Ýurdumyzda halkyň saglygyny goramak maksady bilen, paýtagtymyzda we Arkadag şäherinde hem-de welaýatlarda häzirki zaman ylmy-kliniki merkezleriň, saglyk öýleriniň hem-de saglygy goraýyş ulgamynyň beýleki desgalarynyň gurlup, yzygiderli ulanylmaga berilýändigini hem bellemek gerek. Şol desgalaryň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ölçeglerine laýyk gelmegi olarda ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejede bolmagyny şertlendirýär.

Ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlary barada söz açylanda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan amala aşyrylýan işleri, şeýle hem ekologik taýdan arassa ýerli çig mallardan dürli görnüşli lukmançylyk serişdeleriniň önümçiligini ýola goýan «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň işini hem bellemek gerek.

Türkmenistan BMG-niň bu ugurda ýöriteleşdirilen düzümi bolan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Ilat gaznasy, Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) we Ösüş maksatnamasy bilen gatnaşyklary täze derejelere çykarýar.

Gahryman Arkadagymyz ajaýyp başlangyçlary bilen birlikde, saglygy goraýyş ulgamyna degişli kitaplary, şol sanda «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaby arkaly saglygy goraýyş ulgamyny ösüşlere besleýär. Bularyň hemmesi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyza eçilen bagty bolup, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň ösüşini dabaralandyrýar.

Şirinjemal ÝOLLYÝEWA,
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mikrobiologiýa kafedrasynyň uly mugallymy.

DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

► Hökümet binalary gadymy usulda gurlar. ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp täze gurul-

jak federal hökümet binalarynyň ählisiniň Gadymy Afinynyň we Rimiň nusgawy binagärlik usulynda gurulmagyny borçlandyrýan karara gol çekdi. «ABŞ-ny esaslandyryjylar beýik jemgyýetleriň göreldesine eýerip, federal raýat binagärligine aýratyn ähmiýet beripdirler. Olar binalarynyň amerikan halkyna ylham bermegini isläpdirler» diýlip, kararda aýdylýar.

► Tailandyň wagtlaýyn Premýer-ministri. 30-njy awgustda Tailandyň Ministrler Kabineti

Konstitusiýa kazyýetiniň kararyndan soň, Premýer-ministriň orunbasary Phumtam Weçaýaçaýy wagtlaýyn Premýer-ministr edip belledi. Şeýlelikde, kazyýetiň karary bilen häzirki Ministrler Kabineti täze kabinet döredilýänçä öz wezipesini dowam etdirer. Golaýda öňki Premýer-ministr Phethongthan Çinawat wezipesinden çekilýändigini mälim etdi.

► Çuň suwda ýüzýän robot balyk. Alymlar balyk ýaly ýüzýän we deňizde «iýmitlen-

ýän» robot balyk döretdiler. Ol suwasty ekoulgamlary bozmazdan 10 kilometr çuňluga aralaşyp bilýär. Uzynlygy 32 santimetre, agramy 1 kilograma ýetýän robot deňiz suwunyň ionlaryny elektrik meýdany döretmek üçin ulanýar. Bu meýdan bolsa, silikon korpusynyň içindäki ýörite suwuklygy herekete getirip, robotyň ýüzmegini üpjün edýär.

► Gülüň ysy beýnä peýdaly. Ýapon alymlary bägülüň hoşboý ysyndan dem almagyň beýniniň ýat bilen baglanyşykly gurluşlary-

nyň özgermegine kömek edip, işjeňligini artdyryp biljekdigini anykladylar. Bu açyş huşsuzlyga garşy öňüni alyş bejergilerini ösdürmäge kömek edip biler. Bu barada Kýoto we Sukuba uniwersitetleriniň alymlary «Frontiers in Human Neuroscience» atly žurnaldaky makalasynda habar berdiler.

► 12,9 million amerikan dollaryna satyldy. «Heritage» auksionynda täze dünýä rekordy goýuldy. Maýkl Jordanyň we Kobi Braýantyň

goly bolan seýrek basketbol karty 12,9 million amerikan dollaryna satyldy. Kart diňe bir basketbolyň taryhynda däl, eýsem, sport kolleksiýalarynyň hemmesiniň içinde iň gymmady boldy. Karty maýadarlar topary satyn aldy. Olaryň arasynda kanadaly Kewin O'liri we maýamili Pol Worşow bar.

► Ilkinji suwasty maglumat merkezi. Hytaýda emeli aň üçin niýetlenen dünýäniň ilkinji suwasty maglumat merkeziniň gurluşygyna

başlandy. Şanhaýda deňiz kenaryndan 10 kilometr uzaklykda gurulýan bu desga bütinleý diýen ýaly ýel energiýasy bilen işlär. 223 million amerikan dollarlyk taslama «Hailanyun» kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylýar. Enjamlary sowatmak üçin deňiz suwundan peýdalanjak bu merkez ýakyn wagtda ulanmaga berler.

► Ilkinji uniwersal 6G çipini hödürledi. Hytaýly alymlar dürli ýygylyk diapazonlarynda iş-

lemäge ukyply 6G torlary üçin niýetlenen dünýäde ilkinji synag çipini döretdiler. «South China Morning Post» neşiriniň habaryna görä, täze enjamyň maglumat geçiriş tizligi häzirkilerden müň esse ýokary. Döredijileriň pikiriçe, täze çip 8K durulykdaky 50 GB filmi birnäçe sekuntda geçirmäge mümkinçilik berýär.

► Ýeňil awtoulaglaryň sany artýar. Häzirki wagtda Russiýada 53 million töweregi ýeňil

awtoulag bar. Soňky 10 ýylda bu ýurtdaky awtoulaglaryň sany 8,7 million artypdyr. 2024-nji ýylda ýurtda 52,9 milliondan gowrak ýeňil awtoulag bolup, olaryň 49,5 millionyndan gowragy raýatlaryň eýeçiligindedir. 2023-nji ýylda 51,5 million, 2022-nji ýylda bolsa 50,6 million ýeňil awtoulag bardy.

TARYHDA ŞU GÜN

1980-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda Şweýsariýada Gotard tunneli açylyp ulanmaga berildi. Bu ýerasty geçelgäniň uzynlygy 16,9 kilometre deň bolup, şol döwürde dünýäniň iň uzyn ýerasty awtoulag geçelgesi bolupdy. Ýurduň hökümeti bu taslamany 1969-njy ýylyň iýul aýynda tassyklady. Sen-Gotard geçelgesi ýoly ep-esli gysgaltdy.

Dünýäniň geljegi maslahatlaşylar

9-njy sentýabrda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasy öz işine başlar we 2026-njy ýylyň 8-nji sentýabryna çenli dowam eder. «Iň gowusy bilelikde: 80 ýyl parahatçylygyň, ösüşiň we adam hukuklarynyň hatyrasyna» atly şygar bilen geçiriljek ýubileý sessiýasynda halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşylar.

Ozal habar berlişi ýaly, Germaniýanyň öňki daşary işler ministri Annalena Berbok şu ýylky sessiýanyň başlyklygyna saýlandy. Onuň saýlanmagy taryhy waka bolup, ol bu wezipäni eýelän bäşinji zenan we Ýewropa sebitinden hem ilkinji zenan boldy. Berbok öz çykyşlarynda häzirki wagtda dünýäde emele gelen geosyýasy dartgynlylyk ýagdaýynda agzybirligiň we gepleşikleriň möhümdigini öňe sürýär. Öňde boljak sessiýa global syýasat üçin ýeňil bolmadyk döwürde geçirilýär. Gün tertibine uzaga çeken gapma-garşylyklary çözmek, parahatçylygy ýola goýmak we täze çökgünlikleriň öňüni almak meseleleri girýär.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň howanyň üýtgemegine garşy göreş boýunça çäreleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen ýörite howa sammitini guramagyna garaşylýar. Ýörite çärede, esasan hem, ösüp barýan ýurtlaryň Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek ugrundaky ýeten sepgitleri gözden geçiriler. Sessiýanyň barşynda ynsanperwer maksatnamalary maliýeleşdirmek meselelerine hem aýratyn üns berler. Şeýle-de guramanyň 80 ýyllygy mynasybetli XX asyryň hakykatlaryna laýyk getirmek maksady bilen guramanyň gurluşlaryny özgertmek baradaky ýygy-ýygydan edilýän çagyryşlara hem garalar.

Esasy wakalar sentýabr aýynyň soňky 10 gününde bolar. 23-nji sentýabrdan 27-nji sentýabr aralygynda umumy çekişmeler geçirilip, BMG-ä agza 193 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlary öz ýurtlarynyň daşary syýasatyny hem-de global meseleleri çözmek baradaky garaýyşlaryny kesgitleýän ýüzlenmeler bilen çykyş ederler. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň diňe bir ýubileý çäresi bolman, eýsem, ýakyn ýyllarda dünýä jemgyýetçiliginiň ösüş wektoryny kesgitlejek esasy platforma boljakdygy habar berilýär.

ŞHG-niň sammiti geçirildi

31-nji awgust – 1-nji sentýabrda Hytaýyň port şäheri Týanszinde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammiti geçirildi. Bu sammite dünýäniň 20-den gowrak ýurdundan döwlet we hökümet Baştutanlary gatnaşdy. Bu maslahat döredilen gününden bäri iň uly maslahat hasaplanýar. Hytaýyň Başlygy Si Szinpin sammitiň açylyş dabarasynda daşary ýurtly myhmanlara we dünýä liderlerine ýüzlenip, 2025-nji ýyldaky Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitiniň, esasan, ylalaşygy üpjün etmäge, hyzmatdaşlyga itergi bermäge we ösüş meýilnamalaryny işläp düzmäge gönükdirilendigini aýtdy.

– ŞHG döredilen gününden bäri raýdaşlygy we özara ynamy berkitdi, amaly taýdan hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrdy we halkara hem-de sebit işlerine işjeň gatnaşdy. ŞHG halkara gatnaşyklaryň täze görnüşini ösdürmekde we adamzat üçin umumy geljegi bolan jemgyýet gurmakda möhüm güýç hökmünde ýüze çykdy – diýip, Si Szinpin aýtdy. Si Szinpin häzirki sammitiň dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýlaryň fonunda geçirilýändigini belläp, çäräniň ýolbaşçylarynyň kynçylyklary ýeňip geçmek we ösüş çözgütlerini öňe sürmek üçin möhüm wezipeleriniň bardygyny aýtdy.

Şeýle hem sammitiň çäklerinde ŞHG-ä agza bolmadyk ýurtlaryň we halkara guramalaryň ýolbaşçylary bilen «ŞHG+» maslahaty geçirildi. Onuň barşynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, global dolandyryşy gowulandyrmagyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Hytaýyň Týanszin şäherinde geçirilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitinde 20 resminama gol çekildi.

Häzirki wagtda 24 ýyl ozal döredilen 10 agzaly toparyň abraýy barha artýar. Hytaý, Russiýa we Hindistan ýaly esasy ýurtlary öz içine alýan ŞHG dünýä ilatynyň ýarysyny we dünýä ykdysadyýetiniň dörtden bir bölegini emele getirýär. Russiýa, Belarus, Hytaý, Hindistan, Eýran, Gazagystan, Gyrgyzystan, Pakistan, Täjigistan we Özbegistan ŞHG-niň doly hukukly agzasy bolup durýar.

Saýlaw kampaniýasy başlady

Moldowa Respublikasynda parlament saýlawlary üçin saýlaw kampaniýasy başlady. Saýlawyň netijeleri Moldowanyň geljekki hökümetiniň düzümini we daşary syýasatyny kesgitlär. Saýlaw kampaniýasy 26-njy sentýabra çenli dowam edip, ses berişlik 28-nji sentýabrda geçiriler. Bu döwürde wagyz işleri üçin berk düzgünler güýje girer. 29-njy awgustda saýlawlara gatnaşýan dalaşgärler syýasy mahabat üçin Merkezi saýlaw komissiýasynyň razylygyny aldyrlar we onuň maliýeleşdirilmegi bolsa, saýlaw gaznasy tarapyndan berk gözden geçirilýär.

Mundan başga-da, wezipeli adamlar mundan beýläk administrativ maliýe çeşmeleri saýlaw maksatlary üçin ulanyp bilmezler. Şoňa görä-de, hökümet agzalary wagyz-nesihat işleri we gazet paýlamak bilen meşgullansalar ygtyýarlyklaryny togtatmaly bolarlar. Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň ýarysy Premýer-ministr Dorin Reçana şeýle haýyşlar bilen ýüz tutdylar. Moldowanyň Merkezi saýlaw topary ýüz tutan dalaşgärlerden saýlawlara gatnaş-

mak üçin arzalary kabul etmegi eýýäm tamamlady. Häzirki wagtda 15 syýasy partiýa, 4 saýlaw blogy we 5 garaşsyz dalaşgär, jemi 24 bäsdeş kabul edildi.

Dört günlük iş hepdesine geçmekçi

Litwanyň Premýer-ministri Inga Ruginene 4 günlük iş hepdesiniň geljekde hökmanydygyny we ähli iş ulgamyna ornaşdyrylmalydygyny öňe sürdi. Ol iş ýerleriniň uzakdan işlemäge niýetlenen we iş bilen şahsy durmuşynyň deňagramlylygyny saklamaga mümkinçilik berýän tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylýandygyny aýtdy. Premýer-ministriň aýtmagyna görä, has gysga iş wagty öndürijiligi ýokarlandyrar.

«Gijos» energiýa kompaniýasynyň işgärleriniň 80 göterimi hepdede 5 gün däl-de, 4 gün işleýär. Bu usul birnäçe ýyl bäri ulanylýar. Kompaniýanyň wekiliniň pikiriçe, iş günleriniň sanynyň azalmagy netijeliligi has-da ýokarlandyryp, işgärleriň maşgala, güýmenje we okuw üçin has köp boş wagty bar. Şeýle-de bolsa, käbir işgärler gysgaldylan iş hepdesinden peýdalanyp bilmeýärler.

Işewürler konfederasiýasynyň başlygy Andrýus Romanowskis bu pikiri

hakykatdan daşda diýip baha berdi, ýöne beýleki işewürler has gysga iş hepdesine geçmäge kompaniýalaryň entek taýyn däldigini, beýle üýtgeşmeleriň uly maýa goýumlary talap edýändigini belleýärler.

BMG-niň TÄZE HASABATY

Birleşen Milletler Guramasy dünýäde çaga dogluşynyň derejesi barada täze maglumatlary ýaýratdy. 2025-nji ýylda dünýäde jemi dogluş derejesi (TFR) ortaça, her zenan başyna 2,2 çaga boldy.

Gyzykly tarapy XX asyryň ortalarynda bu görkeziji 5 çagadan geçipdir. Hünärmenleriň belleýşi ýaly, dünýäde dogluş derejesiniň yzygiderli peselmegi 1960-njy ýyllardan bäri dowam edip gelýär. Onuň pese gaçmagy köpçülikleýin şäherleşme, ilatyň bilim derejesiniň ýokarlanmagy we göwreliligiň öňüni alyş çäreleriniň giňelmegi bilen baglanyşykly.

Şol bir wagtyň özünde görkezijileriň geografik paýlanyşy deň däl. Hasabata görä, iň ýokary dogluş derejesi Tropik we Günorta Afrika, Merkezi Aziýa ýurtlarynda, şeýle hem Pakistanda, Ýemende we Owganystanda hasaba alyndy. Bu sebitlerde her zenanyň 4-6 çagasy bar.

Gündogar Aziýada bolsa, ýagdaý düýbünden başgaça. Dünýädäki iň pes görkezijiler Taýwan adasynda, Koreýa Respublikasynda we Singapurda hasaba alnyp, her zenan başyna 0,72-den 1,11 aralygynda çaga düşýär. Bu ýagdaý ilatyň köpelmegi üçin ortaça dereje hasaplanýan 2,1-den ep-esli pesdir.

Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň görkezijileri hem bu çäkden pes. BMG-niň maglumatlaryna görä, Russiýada dogluş derejesi her zenan üçin 1,46 çaga deň.

Gün elektrik bekedi gurulýar

Hytaýyň resmi wekilleri Tibet platosynda dünýäniň iň uly Gün elektrik bekediniň gurulýandygyny habar berdiler. Bu desganyň tutýan meýdany 610 inedördül kilometre, ýagny Çikago şäheriniň ululygyna deň. Gurluşyk ýurtda howanyň hapalanmagynyň öňüni almaga gönükdirilen maksatnamanyň we Gün energiýasynyň ösdürilmeginiň bir bölegidir.

Geçirilen barlaglara görä, Hytaýyň uglerod zyňyndylary ýylyň birinji ýarymynda 1% azalyp, 2024-nji ýylyň mart aýyndan bäri dowam edýän azalyşy dowam etdirdi. Pese gaçyşyň bu derejesi howa goýberilýän zyýanly gazlaryň 2030-njy ýyla çenli bellenen möhletinden has öň ýetmegine sebäp bolup biler. Şeýle-de bolsa, hünärmenler Hytaýyň 2060-njy ýyla çenli uglerodyň bitaraplygyny gazanmak üçin has köp öňüni alyş çäresini geçirmegiň zerurdygyny aýdýarlar.

Ýurduň ýüzbe-ýüz bolýan esasy kynçylyklarynyň biri bolsa «ýaşyl» energiýanyň paýlanyşyny senagat zerurlyklary bilen utgaşdyrmakdyr. Hytaýda global howanyň üýtgemegine garşy göreşmek maksady bilen gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri has işjeň ösdürilýär. Uly Gün taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi diňe bir uglerod galyndylaryny azaltmak bilen çäklenmän, gazylyp alynýan ýangyçlara garaşlylygy aradan aýyrmaga hem mümkinçilik berýär.

Golaýda düşürilen suratda Sinhaý welaýatynyň Haýszýuan etrabyndaky Gün elektrik stansiýasynyň golaýynda otlap ýören tibet goýunlaryny görmek bolýar. Maldarçylyk bilen täze tehnologiýanyň arasyndaky sazlaşygy emele getirmek sebitiň ekoulgamynda bolup geçýän üýtgeşmeleriň biridir.

Hytaý Gün energiýasyny ösdürmegiň üstünde çynlakaý işleýärkä, daşky gurşawyň maksatlary bilen önümçilik talaplarynyň arasyndaky zerur deňagramlylyk bilen baglanyşykly uglerod bitaraplygy boýunça kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Şonuň üçin Hytaýyň energiýa syýasatynyň geljegi diňe bir täzelenip bilýän taslamalaryň üstünlikleri bilen çäklenmän, eýsem, umumy howa maksatlaryna ýetmek üçin dürli pudaklary ugrukdyrmak ukyby bilen hem kesgitlener.

WAGTYNDAN ÖŇ AÇYLDY

1991-nji ýylda şazadanyň aýaly Diananyň Greýt-Ormond strit (GOSH) çagalar hassahanasynyň düýbüne ýerleşdiren «wagt kapsulasy» Londonda wagtyndan öň açyldy. Şazada şol wagt Hossarlar geňeşine başlyklyk edýärdi.

Gutyny diňe geljekki nesiller açyp biler öýdülýärdi, emma täze çagalar onkologik merkezini gurmak üçin hassahananyň diwarlaryny ýykmak barada karara gelindi. Şazada kapsula ýerleşdirilmeli zatlary telebäsleşikde bu hormata eýe bolan britaniýaly çagalar – 11 ýaşly Dewid Wotson we 9 ýaşly Silwiýa Foulks bilen bilelikde saýlady.

«Wagt kapsulasy» 1990-njy ýyllary ýadyňa salýan birnäçe zatdan ybarat: «Casio» jübi telewizory, Kaýli Minougyň «Rhythm of Love» albomy, Gün energiýasy bilen işleýän kalkulýator, britan şaýylklarynyň ýygyndysy we «Times» gazeti.

Gurşundan ýasalan gutudaky zatlaryň köpüsini çyg çekipdir, ýöne umuman 34 ýylyň içinde erbet saklanmandyr.

Diana 1997-nji ýylyň 31-nji awgustyna çenli – pajygaly ýagdaýda aradan çykýança GOSH-nyň başlygy bolup işledi. Bu ýerde täze onkologik merkez 2028-nji ýylda açylar.

AZIÝANYŇ SYÝAHATÇYLYK MEKANY

Kambojanyň Premýer-ministri Hun Manet «TripAdvisor» amerikan web saýty tarapyndan Angkor-Wat arheologik ýadygärliginiň 2025-nji ýylda Aziýanyň iň özüne çekiji syýahatçylyk ugry diýlip ykrar edilendigini habar berdi. Premýer-ministr «TripAdvisor» web saýtynyň saýlan Aziýanyň iň gowy 20 syýahatçylyk merkeziniň sanawyny jemgyýetçilik torundaky öz sahypasynda goýdy.

Angkor-Wat ýadygärligi Siemreap welaýatynyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän ÝUNESKO-nyň sanawyndaky Angkor arheologik seýilgähindäki ybadathanalaryň biridir. 401 inedördül kilometr meýdany öz içine alýan seýilgähde IX-XIII asyrlarda gurlan 91 sany gadymy ybadathana bar.

Günorta-Gündogar Aziýanyň iň meşhur syýahatçylyk mekany bolan gadymy seýilgäh şu ýylyň ilkinji ýedi aýynda jemi 618 müň daşary ýurtly syýahatçyny özüne çekdi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 5,8% köpdür. Bu barada döwlete degişli «Angkor Enterprise» kompaniýasynyň hasabatynda aýdylýar.

Hasabata görä, bu seýilgäh şu ýylyň ýanwar-iýul aýlary aralygynda petek satuwyndan 28,6 million amerikan dollary möçberinde girdeji gazanyp, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 5,3% köpdür.

NIREDE NÄHILI ÇAÝ IÇILÝÄR?

Çaý dünýäde agyz suwundan soň, iň köp içilýän ýörgünli içimlikleriň biri bolup, müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýar. Dünýäde çaýyň 1500-den gowrak görnüşi bar. Çaý Aziýanyň käbir ýerlerinde ýabany ösýär, ýöne 25-den gowrak ýurtda bu ösümlik ýörite ekilýär. Hytaýly täjirleriň çaýy dünýäniň dürli künjegine ýaýratmagy bilen bu içimligiň meşhurlygy artyp başlaýar. Adamlar çaýyň tagamyny alansoňlar, bu içimligi gündelik durmuşyna ornaşdyrýarlar. Hatda çaý içmek käbir halkyň milli däbine hem öwrülýär. Gazetimiziň şu sanynda dürli halklarda çaý içmek medeniýeti bilen bagly gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.

TÜRKMENISTAN. Çaý türkmeniň naz-nygmatdan doly bereketli saçagynyň aýrylmaz bölegi hasaplanýar. Halkymyzda milli ýörelgelere laýyklykda, gelen myhmana saçak ýazylyp, ilki bilen, çaý goýulýar. Çäýnekde mazalyja demini alan gök çaýdan birki käse içilip, hal-ahwal soraşylýar, gyzykly gürrüňler edilýär. Ondan soňra myhmana nahar çekilýär. Türkmençilikde çaý taňkada ýa-da tüňçede, ojaryň oduna gaýnadylan suwa atylyp, közüň başynda demine goýulýar. Tüssäniň ysy çykan hoşboý çaý daş çäýneklere guýlup, nogul-nabat, kişmişdir-kişde bilen hödür edilýär.

HYTAÝ. Dünýäde çaý ösdürip ýetişdirmegiň iň amatly ülkesi Hytaý bolup, bu ýurtda oolong, jasmin we gunpouder ýaly meşhur çaýlaryň ýüzlerçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Taryhy maglumatlara görä, IX asyrda Beýik Ýüpek ýoly arkaly hytaý çaýlary dünýäniň dürli künjegine ýaýrap başlaýar. Ilkibaşda dermanlyk maksady bilen peýdalanylan bu ösümlik, soňra meşhur içimlikleriň birine öwrülýär. Hytaýda çaý içmek durmuşyň bir ýörelgesi hasaplanýar. Bu ýerde «Ça Dao» (çaý taýýarlamak) milli sungaty ösen derejede bolup, hytaý medeniýeti bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurtda çaý taýýarlamak (Gongfu cha) dabaralary hem geçirilýär.

ÝAPONIÝA. «Günüň dogýan ýurdy» meşhur matça çaýy bilen tanalýar. XII asyrdan gözbaş alýan bu içimlik häzirki wagtda-da ilkibaşdaky görnüşinde taýýarlanylýar. Külke edilip owradylan bu çaý açyk ýaşyl reňki bilen beýleki çaýlardan tapawutlanýar. Matça Ýaponiýada geçirilýän Çado (Çaý ýoly) dabarasynda hödürlenýän iň lezzetli içimlikleriň biridir.

HINDISTAN. Dünýäde çaýy iň köp öndürýän we eksport edýän Hindistanda bu içimligiň taýýarlanylyşyna uly üns berilýär. Hindistanyň milli içimligi «çaý» diýip atlandyrylyp, ol hoz ýapragy, dalçyn, burç, kardom we ýorunja ýapraklary garylyp taýýarlanylýar. Hindiler myhmana ilki bilen asyrlarboýy meşhur bolan bu içimligini hödür edýärler. «Bollywood»-yň ýurdunda çaý ösdürip ýetişdirýänler we çaýpuruşlar (çaý satyjy) jemgyýetiň esasy bölegi bolup, şäher merkezlerinde hem-de köçelerde aýratyn çaý dükanlary bar.

TAILAND. Bu ýurt «Taý buzly» çaýy, ýagny «cha-yen» bilen meşhurdyr. Ýurduň restoranlarynda uly isleg bilen sargyt edilýän bu içimlik buzuň üstüne ajy gara çaýyň guýulmagy esasynda taýýarlanylýar. Şeýle hem bu içimligiň has-da tagamly bolmagy üçin dalçyn, mämişi gül hem-de ýyldyz anisi goşulýar. «Taý buzly» çaýy yssy howada has-da lezzetli bolýar.

MAROKKO. Demirgazyk Afrika ýurduna islendik wagt barsaňyz, hoşboý ysly çaýy tuareg bilen garşy alarlar. Bu içimlik Marokkonyň medeniýetine doly ornaşyp, myhmansöýerlik bilen berk baglanyşyklydyr. Adatça, tuareg 30 santimetr ýokardan 3 pyýala guýlup, myhmana hödür edilýär. Her pyýalanyň hem biri-birinden tapawutly özboluşly tagamy bolup, bu däp Marokkonyň milli medeniýetinde: birinji durmuş ýaly süýji, ikinji söýgi ýaly güýçli, üçünji aýralyk ýaly ajy manysynda düşündirilýär.

ŞRI-LANKA. Önümçilikde iň meşhur çaýlaryň biri bolan «seýlon» çaýy, Seýlon adasynyň adyndan gelip çykýar. XVII asyrda Şri-Lanka Hindistandan çaýyň käbir görnüşi getirilip, çaý ösdürilip ýetişdirilip başlanýar. Häzirki wagtda Şri-Lanka çaý eksport etmekde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Seýlon çaýyny kokos we palma şekeri bilen bilelikde içseň hasda tagamly bolýar.

TAÝWAN. Meşhur babl çaýynyň Watany Taýwan hasaplanýar. 1980-nji ýyllarda oýlanyp tapylan köpürjikli çaýy taýýarlamak üçin çaý, süýt, miwe we tapioka krahmal düwmejikleri goşulýar. Bu çaý adatça uzyn aýna gaba salnyp, turbajyk bilen bile hödürlenýär.

TÜRKIÝE. Çaý önümçiliginde öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolan Türkiýede, esasan, gara çaý içilýär. Çaýly hyzmat etmek türk medeniýetiniň we myhmansöýerliginiň esasy bölegi bolup, gara çaýyň ýany bilen gant hem hödür edilýär. Bu ýurtda çaý adatça «inçe billi», süýnmek aýna stakanda içilýär. Bu ýagdaý çaýyň reňkini synlap, ondan lezzet almaga mümkinçilik berýär.

ÝERIŇ iň uzak nokady

Ýer şarynda täsinlikler we üýtgeşik ýerler sanardan köp. Hatda dünýäde hiç bir adamyň aýak basmadyk ýerleri hem bar. Täsin ýerleriň köpüsi adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde ýerleşýän bolsa, käbiri has uzakda ýerleşýär. Ýuwaş ummanynyň günorta böleginde ýerleşýän Nemo nokady gury ýerden iň uzakda ýerleşýän ýer hasaplanýar.

«Nemo» latyn sözi bolup, «hiç kim» diýmegi aňladýar. Bu ýeriň ady fransuz ýazyjysy Žýul Werniň «Deňziň düýbünde 20 müň lýe» romanyndaky kapitan Nemo atly gahrymanyň keşbinden gelip çykýar. Nemo nokady gury ýerde iň ýakyn goňşusy bolan Motu-Nuiden (Pashi adasy) 2 müň 688 kilometr, Konsepson şäherinden (Çili) 4 müň 222 kilometr, Maher adasyndan (Antarktika) 2 müň 688 kilometr, Wellington şäherinden (Täze Zelandiýa) 4 müň 795 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Bu kiçijik ada ilkinji gezek 1992-nji ýylda horwat inženeri Hrwoýe Lukatela tarapyndan kartalaşdyryldy we programma arkaly hasaplanyldy.

Köpler bu adada ýaşaýyş barmyka diýip gyzyklanýarlar. Daştöweregi Ýuwaş ummany bilen gurşalan bu adada janly-jandar duş gelmeýär. Bu ýerde janly-jandaryň duş gelmezliginiň birinji sebäbi gury ýerden has uzakdadygy, ikinjiden bu ýerde ýaşaýyş üçin ýaramly topragyň we süýji suwuň bolmazlygy diýlip düşündirilýär. Nemo nokadynyň töwereginde ummanyň çuňlugy 3 müň kilometre ýetýär. Şeýle hem suw örän batly akýar welin, tolkunlaryň zarbyndan ýaňa bu ýere gämiler baryp bilmeýär. 2005-nji ýylda okeanograflar Nemo nokadyndan ylymda näbelli bolan jandary – ak leňňeji tapmagy başardylar. Guşuň ýelegine meňzeş uzyn gysgyçlary bolan bu deňiz jandary suwuň 2 kilometr çuňlugynda ýaşaýar. Nemo nokadyna «kosmos gämileriniň mazary» hem diýilýär. Sebäbi kosmosa çykýan raketalaryň ulanylyş möhleti gutarandan soň adamlara we tebigata zyýansyz bolan ýere – Nemo nokadyna taşlanýar.

ÇAGALAR

Aziýa marteni aw edende ýa-da uly ýyrtyjylardan gorananda erbet ys ýaýratmak arkaly garşydaşyny huşundan giderýär.

Ýolyşyk haçan oýlanyp tapyldy?!

Adamzat taryhynda iň gowy oýlap tapyşlaryň biri hem ýolyşykdyr. Pyýadalaryň we awtoulaglaryň, käbir şäherde welosipedçileriň hereketini sazlaýan bu enjam häzirki wagtda durmuşymyzyň aýrylmaz bir bölegine öwrüldi. Hatda ýolyşyksyz ýola çykmagy göz öňüne getirmek hem mümkin däl. Eýsem, ýolyşyk haçan oýlanyp tapyldyka?!

Islendik oýlanyp tapylan enjamyň ilkibaşda kämil bolmaýşy ýaly, ýolyşygyň hem uzyn we gyzykly taryhy bar. Adamzat durmuşynda entek awtoulag serişdeleriniň oýlanyp tapylmadyk döwründe ilkinji ýolyşyklar peýda bolupdyr. Ýol hereketini sazlaýan bu enjam tok bilen dälde, gaz bilen işläpdir. Fonara meňzeş ýolyşygyň gyzyl we ýaşyl gözleri bolupdyr. Demirýolçy, iňlis inženeri Jon Pik Naýtyň oýlap tapan bu enjamy 1868-nji ýylyň ahyrynda Londonyň uly köçeleriniň birinde ýerleşdirilipdir. Bir aý töweregi ulanylan bu enjamy el bilen işletmeli bolupdyr. Ýöne bu enjam oňyn netije bermändir.

Şäherlerde hereketiň köpelmegi bilen ýoly kadalaşdyrýan hem-de düzgüne salýan enjama zerurlyk duýlup başlanýar. Şeýlelikde, 1923-nji ýylda amerikan inženeri Garrett Morgan ýol hereketini sazlaýan enjamy oýlap tapýar. Morgan birnäçe synanyşykdan soň elektrik togy bilen işleýän ýolyşygy işläp düzýär. Onuň döreden gyzyl we ýaşyl gözli ýolyşygyna gysga wagtda duýduryjy sary ýşyk hem goşulýar. «T» harpyna meňzedilip ýasalan Morganyň ýolyşygy dünýäniň dürli ýurtlaryna ýaýraýar. Elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji ýolyşyk 1914-nji ýylda ABŞ-nyň Ogaýo ştatynyň Kliwlend şäherindäki iň köp gatnawly köçäniň çatrygynda goýulýar. Onda gyzyl ýşyk «dur», ýaşyl ýşyk «ýöre» diýmegi aňladypdyr. Reňkleriň çalşygy ses bilen duýdurylypdyr. 1926-njy ýylda ilkinji awtomatik ýolyşyklar peýda bolýar. Reňkleriň näçe wagtdan çalyşjakdygyny görkezýän sanly ýolyşyklar bolsa, 1990-njy ýyllarda pyýadalar üçin döredilýär. Soňlugy bilen awtoulaglar üçin hem sanly ýolyşyklar ulanylyp başlanýar.

Aslynda, ilkibaşda ýolyşyklar, has takygy 1830-njy ýylda demir ýol ulgamynda peýda bolýar. Ak we ýaşyl çyraly demir ýol ýşygyny saýgarmakda kynçylyklar ýüze çykyp başlaýar. Şeýlelikde, demir ýol üçin hem awtoulag ýolundaky ýaly gyzyl, ýaşyl we sary reňkler ulanylyp başlanýar. Bu üç reňkiň saýlanyp alynmagynyň sebäbi olary saýgarmak beýleki reňklere görä has aňsat.

ÝATDAN ÇYKARMAŇ!

Ýol hereketiniň kadalaryny ulular bilen bir hatarda çagalaryň hem bilmegi möhümdir. Mekdebe gideniňizde ýol hereketiniň kadalaryny doly we dogry berjaý etmek, ilki bilen, ýol belgilerini hem-de ýolyşygyň çyralarynyň manysyny öwrenmekden başlanýar. Egerde ýolda ak zolaklar ýa-da «zolakdan ýöräp barýan adamyň şekili» belgisi bar bolsa, bu siziň ýoldan geçip biljekdigiňizi aňladýar. Ýoldan geçilende ilki çepiňe, ýoluň merkezindäki çyzyga golaýlanyňda bolsa, sagyňa seretmeli. Ýolyşygyň bar ýerinde ýoldan geçilende ýanyp-sönýän çyralara üns bermeli. Gyzyl çyra ýanýan wagty ýoldan geçmegiň howpludygyny, sary çyra «gözüni gyrpanda» ýöremäge taýýarlanmalydygyny, ýaşyl çyra ýananda ýöräp başlamalydygyny, megerem, hemmämiz bilýän bolsak gerek.

Aziýada ýaşaýan kiçijik ýyrtyjy

Soňky ýyllarda janly-jandarlaryň käbir görnüşiniň sanynyň azalmagy tebigata we ekologiýa düýpli täsirini ýetirýär. Şol sebäpli süýdemdirijileriň, süýrenijileriň we mör-möjekleriň köp görnüşi Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan sanawa alyndy. Sanawa girizilen jandarlaryň biri hem sary bokurdakly martendir. Latynça ady «martes flavigula» bolan bu jandara başgaça, harza ýa-da Aziýa marteni hem diýilýär. Tokaýda ýaşaýan bu jandar deňiz derejesinden 3 müň metr belentlikde duş gelýär.

Gimalaý daglarynda, Mýanmada, Tailandda, Laosda, Kambojada, Malaýziýa ýarym adasynda we Sumatrada, Ýawa we Borneo adalarynda ýaşaýan harza ýyrtyjy jandarlaryň iň kiçi görnüşleriniň biridir. Sütügi açyk sary reňkli bu jandaryň kellesi, aýaklary we guýrugy garamtyl reňkde bolup, bokurdagynda ak çyzygy bar. Tegelek gulakly bu jandaryň uzyn guýrugy bar. Göwresiniň uzynlygy 50-72 santimetre, guýrugynyň uzynlygy 40-45 santimetre, agramy 2,5-6 kilograma çenli ýetýän sary bokurdakly marten goranmak we aw etmek üçin güýçli ysly suwuklyk bölüp çykarýar. Aziýa marteni aw edende ýa-da uly ýyrtyjylardan gorananda erbet ys ýaýratmak arkaly garşysyndakyny huşundan giderýär. Sary bokurdakly martenler ökde awçylar bolup, iki ýa-da üç bolup aw edýärler. Syçan, towşan, ýylan, hažžyk, ýabany guşlar bu jandarlaryň esasy awy bolup, käte ýumurtga, mör-möjek bilen hem iýmitlenýärler. Bilermenleriň bellemegine görä, Aziýa marteniniň gaplaň, panda, sugun ýaly uly jandarlary awlan pursatlaryna hem duş gelinýär. Bu jandar bir gije-gündiziň dowamynda 10-20 kilometr ýol geçip, öz araçägini gözegçilikde saklaýar. 8-9 metr beýiklige böküp bilýän sary bokurdakly marten agajyň şahalaryna aňsatlyk bilen dyrmaşyp bilýär. Harza hüşgärligi, çeýeligi we çalt hereketi bilen tapawutlanýar.

(Tymsal)

Çaýçaňňalak we balyk

Bir gezek deňiz kenaryndan uçup barýan çaýçaňňalaga uly balygy tutmak başardypdyr. Muny gören ýüzlerçe garga gulagyňy deşip barýan gagyldylary bilen çaýçaňňalagyň yzyndan eňipdir. Çaýçaňňalak haýsy tarapa ýönelse, gargalar hem onuň yzyndan galmandyr.

Ahyrsoňy kowgudan ýaňa ýadan guş penjesini açyp, awuny ýere taşlapdyr. Gargalar derrew onuň yzyndan galyp, ýere gaçan balyga topulypdyrlar.

Çaýçaňňalak kowgudan halas bolup, dynç almak üçin agajyň şahasyna gonupdyr. Ol bu rahatlykdan lezzet alyp, öz ýanyndan şeýle diýipdir: «Bu balyk meniň bar rahatlygymy bozdy. Ony taşladym welin, derrew meni öz erkime goýdular».

Adamlarda hem şeýle ýagdaý duş gelýär. «Balygy» tutup saklaýarkaň, ýagny isleglerim seni gurşap alanda, aladaly we başagaý durmuşda ýaşamaga mejbur bolýarsyň. Haçanda, adamlar özüni köplenç betbagtlyga alyp barýan isleglerinden el çekende, kalby aram tapyp, bagtly durmuşa gowuşýar.

Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



Labirint



Gyzykly pursat



7 tapawudy tapyň!



3 HARPLY: Yza, lüň, Eýr, tas, oty, red, yşk, lbo; **4 HARPLY:** Pada, ojar, aşyk, Nury, ýuka, mama, ýuan, oýuk, ukyp, para, ygal, aňry; **5 HARPLY:** Daban, şärik, arlyk, draga, Oraza, kaýyl, arçyn, adaty, Awaza, nesip, eňkam, içgin; **7 HARPLY:** Endigan, garagol, Kolýada, kolbasa, ýeralma, kanifas, mynasyp, almanah, urugdaş, lakyrdy; **8 HARPLY:** Baýhatyn, telekeçi, dirižabl, şamçyrag; **9 HARPLY:** Biygtyýar, ýekegapan; **11 HARPLY:** Gelinbarmak, ~~Heýkeltaraş.~~

SÖZ GOÝMAK

Merdan GAÝYPNAZAROW, *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



49-njy KROSSWORD

Salyh POSMANOW, *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Guş. **2.** Ýyrtyjy jandar. **3.** Argentin jübüt tansy. **4.** Kösügi käşire meňzeş, ownuk ýaprakly dermanlyk ösümlik. **5.** Ýurdumyzda gadymy şäher. **6.** Mehanizmler toplumy. **7.** Materik. **8.** Wýetnamyň paýtagty. **9.** Göreş sungatynyň bir tilsimi. **10.** Sirkde köpçüligi güldürýän adam. **18.** Daýhançylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **21.** Toguň güýjüni kiçeltmek ýa-da ulaltmak üçin ulanylýan elektrik enjam. **23.** Uly ýaşly adamlaryň saglygyny öwrenýän ylym. **24.** «Jan agalar, sizler meni geň görmäň,/jany ... diýip, özüňize deň görmäň» (Mollamurt). **25.** Ýeriň gabygynyň daşky gatlagy. **26.** Taraplary gönüburçluk şekilinde boglan saman, bede. **28.** ...-yrada. **30.** Agajyň bir görnüşi. **32.** Fransuz ýazyjysy ... Aleksandr. **33.** Nýu-Ýork şäheriniň gysga aňladylyşy. **34.** Bir zadyň haýsy hem bolsa bir gutaran ýeri. **35.** ABŞ-nyň gadym halky. **39.** Ýumşak oýnawaçlary öndürýän amerikan kompaniýasy. **40.** ...-pikir. **41.** Beýik. **42.** Hakykatyň tarapyny tutagan adam. **44.** Ýeriň iň çetki bölegi. **45.** Haýran galmak. **46.** Birleşen Milletler Guramasy. **47.** Nota. **49.** Saz guraly. **51.** Türkmen halk ertekisi. **53.** Nala, zeýrenç. **54.** «Herekete-...» (nakyl). **57.** Harydyň sanly belgisi. **59.** Örmek işini ýerine ýetirýän adam. **60.** Tebigy bolmadyk. **63.** Ýokary okuw mekdebinde okaýan. **65.** Söz topary.

● **KESELIGINE:** **1.** Fizikanyň bir ugry. **4.** Limona meňzeş miwe. **11.** Otag güli. **12.** Amerikada bir derýa. **13.** Türkmen milli saz guraly. **14.** Miwe. **15.** Beden agzasy. **16.** Horwatiýada bir ada şäheri. **17.** Ýokup galan galyndy, ýokundy. **19.** Bedeniň genetik maglumatlaryny saklaýan molekula. **20.** «Aýgytly ädim» filmini baş gahrymany. **22.** Norwegiýaly futbolçy ... Tomas. **24.** ...-çep. **26.** Amerikada bir döwlet. **27.** Şaglawuk. **29.** ...-gussa. **31.** Ispan tansy. **34.** Aýagy uzyn bolan. **36.** Ynam. **37.** Suwluk ýerlerde gögerýän ösümlik. **38.** Garda taýylýan guralyň bir görnüşi. **39.** Matanyň bir görnüşi. **41.** Daş örtügi ownuk teňňeli balyk. **43.** Aziýada bir döwlet. **46.** «... süýji, baldan bala süýji» (nakyl). **48.** «Yandex» onlaýn okuw. **50.** Jahyl, ýaş. **52.** Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy. **55.** Aýdym-saz žanry. **56.** Tor protokoly. **58.** Tokionyň köne ady. **59.** Çakdanaşa, hetdenaşa. **61.** San. **62.** Mehanik gurluş. **64.** Matematik adalga. **66.** Moskwanyň merkezindäki gala. **67.** Aladasyzlyk, rahatlyk. **68.** Eziz görlüp, eljiredilen. **69.** Ýogyn ýüp. **70.** Programma dili.

32-nji skanwordyň jogaby:

48-nji krosswordyň jogaby:



Üç ölçegli surat







33-nji SKANWORD

Aýnabat ROZYÝEWA, *Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky 20-nji orta mekdebiň mugallymy.*

Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

Ýaryş dowam edýär

● Daşkent hem-de Duşanbe şäherlerinde dowam edýän MAFA Milletler Kubogynda 2-nji duşuşyklar tamamlandy. «A» toparçada Türkmenistanyň ýygyndysy Gyrgyzystanyň ýygyndysy bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady. Wepa Jumaýewiň 44-nji minutdaky goluna gyrgyzlar 45-nji minutda Kojonyň goly bilen jogap berdi. Özbegistan bilen Omanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (1–1; Erkinow 55 — Al-Rawahi 4). 2-nji duşuşyklar hem birmeňzeş netijeler bilen tamamlandy. Omanyň ýygyndysy Gyrgyzystanyň ýygyndysynyň derwezesinden 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, ýeňşini baýram etdi. Gyrgyzystanyň ýygyndysy Kozubaýewiň goly bilen 24-nji minutda öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady. Al-Sabhi 90-njy minutdan soň (90+1, 90+5) 2 gol geçirip, toparyna ýeňiş getirdi. Çekeleşikli geçen oýunda Özbegistanyň ýygyndysy Türkmenistanyň ýygyndysyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Sergeýew 37, 44 p — Durdyýew 84 p).

«B» toparçada Eýranyň ýygyndysy ilkinji 2 oýunda ýeňiş gazanyp, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Owganystanyň ýygyndysyny 3–1 hasabynda ýeňen Eýranyň milli topary Hindistanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Eýranyň ýygyndysynyň adyndan 1-nji oýunda Aliýari (26, 64) bilen Hossienzadeh (36), 2-nji duşuşykda bolsa ýene-de Hosseinzadeh (59), Alipur (89) hem-de Taremi (90+6) tapawutlandy. Ýer eýeleri Täjigistanyň milli topary Hindistanyň ýygyndysyndan 2-1 (Anwar 5, Jhingan 13 – Samiýew 23) hasabynda asgyn geldi. Olar 2-nji duşuşygynda Owganystanyň milli toparyndan 2-0 (Panjşanbe 24 p, Mabotşoýew 90+3) hasabynda üstün çykmagy başardy.

Toparçalardaky 3-nji duşuşyklardan soň final hem-de bürünç medal ugrundaky duşuşyklarda oýnajaklar belli bolar.

«Altyn Asyr» toparynyň bäsdeşleri belli boldy

● AFK-nyň Çagyryş Ligasynda ýurdumyzyň adyndan wekilçilik etjek «Altyn Asyr» toparynyň bäsdeşleri belli boldy. Aragatnaşykçylar «A» toparçada Omanyň «Al-Şabab», Butanyň «Paro» hem-de Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata Kant» toparlary bilen duşuşar. Duşuşyklar 25-nji, 28-nji hem-de 31-nji oktýabrda Butan döwletinde geçiriler.

TRANSFER TÄZELIKLERI

Ýewropanyň TOP 5 çempionaty üçin transfer möwsümi tamamlanyp, klublar soňky pursatlarda hem bolsa birnäçe futbolçyny düzümlerine goşdular. Käbir çempionatlarda transfer möwsümi dowam edýär.

«PREMIER LIGA»

Futboldaky iň gymmat 3-nji transfer. Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» rekord transfer hasaba alyndy. Möwsümiň iň köp pul harçlan topary «Liwerpul» çempionatyň transfer rekordyny goýdy. «Liwerpul» topary «Nýukaslyň» şwesiýaly hüjümçisi Aleksander Isaky 145 million ýewro (125 million funt sterling) transfer etdi (goşmaçalar bilen 150 million ýewro). Bu APL-niň taryhynda bir futbolçy üçin tölenen iň ýokary mukdar bolup, ol rekorda deň boldy. Şol bir wagtyň özünde Neýmar bilen Mbappeden soň Isak ähli döwürleriň iň gymmat 3-nji transferi hökmünde hasaba alyndy. 25 ýaşyndaky hüjümçi «Liwerpul» bilen 6 ýyllyk şertnama gol çekişdi. «Liwerpulda» 9-njy belgide oýnajak Isak «Nýukaslda» 109 oýunda 62 gol geçirdi. Ol AIK, «Borussiýa D», «Willem II», «Real Sosiedad» klublarynyň hem köýnekçesini geýdi.

«Tottenham» 2 ýyldyzy düzümine goşdy. «Tottenham» topary «Bundesligany» «Leipsig» toparyndan niderland ýarymgoragçy Hawi Simonsy 60 million ýewro transfer etdi. Iňlis kluby 22 ýaşyndaky oýunçy bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. PSŽ-de futbola başlan Simons PSW-de 1, «Leipsigde» 2 möwsüm çykyş etdi. Ol klublarda 137 oýunda 44 gezek tapawutlandy. Simons «Tottenham» toparynda ozal Hyn Min Sonuň geýen 7-nji belgili köýnekçesinde oýnar. «Tottenham» topary transfer möwsüminiň iň soňky gününde-de fransiýaly ýyldyz Randal Kolo Muanini transfer etdi. London şäheriniň wekili PSŽ-niň ýyldyz oýunçysy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. 26 ýaşyndaky Kolo Muani geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Ýuwentusda» kärendesine oýnady.

«Nýukaslyň» 80 million ýewrolyk futbolçysy. «Premier Liganyň» wekili «Nýukasl» topary Germaniýanyň «Ştutgart» toparyndan 23 ýaşyndaky Nik Woltemadeni transfer etdi. Iňlis kluby germaniýaly hüjümçiniň transferi üçin nemes toparyna 75+5 million ýewro tölär. Bu görkeziji iňlis klubunyň taryhyndaky iň gymmat transfer bolup, Woltemade «Nýukaslda» 27-nji belgide oýnar. «Werderde» futbola başlan Woltemade «Ştutgartda» geçen möwsümde 33 oýunda 18 gol geçirdi.

«Çelsi» 2 argentinaly futbolçyny transfer etdi. Londonyň başga bir topary «Çelsi» kluby «Mançester Ýunaýtedden» argentinaly Alehandro Garnaçony 46 million ýewro transfer edip, 19 ýaşly winger bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy. Garnaço «Ýunaýtedde» 4 möwsümde 144 oýunda 26 gol geçirdi. Şeýle-de, «Çelsi» topary «Braýton» toparynyň 20 ýaşyndaky argentinaly ýarymgoragçysy Fakundo Buonanotteni 1 ýyllyk kärendesine aldy.

Donnarumma «Mançester Sitiniň» derwezeçisi. «Mançester Siti» topary derwezeçisi Edersonyň ornuna PSŽ-de Luis Enrike tarapyndan islenmeýän italiýaly Janluiji Donnarummany düzümine goşdy. Iňlis kluby täze derwezeçisi üçin parižlilere 30 million ýewro berer. 26 ýaşyndaky Donnarumma iňlis kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol 4 möwsüm köýnekçesini geýen topary PSŽ-den öň «Milanda» 6 möwsüm çykyş edipdi.

Ilki kärendesine oýnar. «Arsenal» topary «Baýeriň» ekwadorly goragçysy Piero Hinkapieni 1 ýyllyk şertnama bilen kärendesine transfer etdi. Londonlylar indiki tomusda 23 ýaşyndaky oýunçyny 52 million ýewro töläp, ymykly düzümine hem goşup biler. «Arsenal» topary polşaly goragçysy Ýakub Kiwiory «Porto» toparyna, portugaliýaly ýarymgoragçy Fabio Wieirany bolsa «Hamburg» toparyna 1 ýyllyk kärendesine ugratdy.

3 futbolçy bilen şertnama baglaşdy. Transferiň iň soňky gününde «Aston Willa» topary «Mançester Ýunaýtedden» gaýdan şwesiýaly Wiktor Lindelöfi erkin agent ýagdaýda transfer etdi. 31 ýaşyndaky oýunçy täze klubunda 3-nji belgide oýnar. Birmingem şäheriniň wekili «Mançester Ýunaýtedden» 25 ýaşyndaky Jeýdon Sançony, «Liwerpuldan» hem 22 ýaşyndaky ýarymgoragçy Harwi Elliotyy 1 ýyllyk şertnama bilen kärendesine düzümine goşdy. «Aston Willa» topary indiki tomusda Elliotyy 40 million ýewro berip, ymykly transfer edip biler.

Angliýanyň «Wulwerhempton» topary «La Liganyň» wekili «Žirona» toparynyň 26 ýaşyndaky çehiýaly goragçysy Ladislaw Kreýçi bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Iňlis kluby ony geljek tomusda 26 million funt sterling töläp, 4 ýyllygyna düzümine goşup biler.

«Wilýarreal» toparynyň 22 ýaşyndaky hüjümçi Ýeremi Pino karýerasyny «Premier Ligada» dowam eder. 22 ýaşyndaky ispan futbolçysy «Kristal Palas» topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Iňlis kluby Pinonyň transferi üçin ispan toparyna 30 million ýewro berer.

«Nottingam Forest» topary «Arsenalyň» ukrainaly çep gyraky oýunçysy Oleksandr Zinçenkony 1 ýyllyk şertnama bilen kärendesine düzümine goşdy. 28 ýaşyndaky oýunçy 2022-nji ýyldan bäri «Arsenalda» oýnap gelýärdi.

«Milan» transferiň soňky 2 gününde 2 futbolçysyny «Premier Liga» kärendesine ugratdy. Ispaniýaly gyraky goragçy Aleks Himenes «Bornmutda», nigeriýaly hüjümçi Samuel Çukwueze bolsa «Fulhamda» 1 ýyllyk kärendesine oýnar. 2 futbolçynyň-da indiki tomusda täze klublaryna ymykly transfer bolmak mümkinçiligi hem bar.

«SERIE A»

«Ýuwentus» soňky günde 2 oýunçy aldy. «Serie A»-da «Ýuwentus» 2 ýyldyz oýunçyny düzümine goşdy. Turinliler «Leipsigden» fransiýaly hüjümçi Loi Opendany 3,3 million ýewro töleg bilen 1 ýyllyk kärendesine düzümine goşdy. «Ýuwentus» 25 ýaşyndaky hüjümçini möwsümiň ahyrynda 40,6 million ýewro ymykly transfer edip biler. «Ýuwentus» topary «Lill» toparyndan 26 ýaşyndaky kosowoly ýarymgoragçy Edon Žegrowany 15,5 million ýewro transfer edip, onuň bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Hoýlunn «Napolide». Soňky çempion «Napoli» topary «Mançester Ýunaýtediň» 22 ýaşyndaky daniýaly hüjümçisi Rasmus Hoýlunny 1 ýyllyk kärendesine aldy. «Napoli» iňlis toparyna kärende tölegi hökmünde 6 million ýewro berer. Möwsümiň ahyrynda bolsa «Napoliniň» Hoýlunny 44 million ýewro transfer etmäge mümkinçiligi bolar. «Napoli» «Leipsigden» ozalky oýunçysy, demirgazyk makedoniýaly Elif Elmasy hem 1 ýyllyk kärendesine düzümine goşdy.

«Milan» 2 fransuz futbolçyny transfer etdi. «Milan» iňlis kluby «Çelsiniň» fransiýaly ýyldyzy Kristofer Nkunkuny 42 million ýewro transfer etdi. Italýan kluby 27 ýaşyndaky hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Nkunku «Milanda» 18-nji belgili köýnekçäni geýer. Nkunku «Çelsiden» öň «Leipsig», PSŽ toparlarynda oýnapdy. «Milan» topary transfer möwsüminiň iň soňky gününde ýene bir fransuz oýunçyny düzümine goşdy. Italýanlar «Marselden» 30 ýaşyndaky ýarymgoragçy Adrien Rabiony 9 million ýewro transfer edip, onuň bilen 3 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. Şeýle-de, «Milan» «Bundesliganyň» wekili «Wolfsburgdan» 19 ýaşyndaky germaniýaly goragçy Dawid Odoguny 10 million ýewro transfer etdi.

«Romanyň» täze futbolçylary. Paýtagt Rimiň «Roma» topary «Liwerpulyň» gresiýaly çep gyraky goragçysy Kostas Simikasy 1 ýyllyk kärendesine şertnama bilen düzümine goşdy. 29 ýaşyndaky oýunçy iňlis klubunda 5 möwsüm oýnady. «Roma» bu transferden öňem «Wilýarrealdan» ýamaýkaly hüjümçi Leon Beýlini 3 million ýewro töleg bilen kärendesine alypdy.

Akanži «Interi» saýlady. «Inter» topary-da «Mançester Sitiden» şweýsariýaly goragçy Manuel Akanžini 1 ýyllyk kärendesine aldy. Kärende tölegi hökmünde «Inter» iňlis klubuna 2 million ýewro berer. «Inter» möwsümiň ahyrynda bolsa 15 million ýewro berip, ymykly transfer etmek hukugyna hem eýe boldy.

Wardiniň ilkinji legionerlik synanyşygy. «Serie A»-nyň täze klublaryndan «Kremoneze» topary «Lester Siti» bilen şertnamasy tamamlanan meşhur iňlis hüjümçisi Jeými Wardini transfer etdi. 38 ýaşyndaky hüjümçi italýan topary bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Wardi «Lesterde» 13 möwsümde 500 oýunda 200 gol geçiripdi.

Zaniolo hem-de Zanoli «Udinezede». «Udineze» topary «Galatasaraýdan» Nikolo Zaniolony hem-de «Napoliden» Alessandro Zanolini 1 ýyllyk şertnama bilen kärendesine transfer etdi. 26 ýaşyndaky Zaniolo «Galatasaraýdan» 4-nji gezek başga bir topara kärendesine ugradyldy.

«Bolonýa» topary «Atalantadan» 22 ýaşyndaky ganaly ýarymgoragçy Ibrahim Sulemanany 1 ýyllyk kärendesine transfer etdi.

«Atalanta» topary bolsa «Milanyň» amerikaly ýarymgoragçysy Ýunus Musany möwsümiň ahyryna çenli kärendesine düzümine goşdy. «Milan» Musanyň kärende transferinden 4 million ýewro alar.

«LA LIGA»

«Atletikonyň» 10-njy transferi. «La Liganyň» iň köp oýunçy transfer eden topary «Atletiko Madrid» tomusdaky 10-njy transferini amala aşyrdy. Çempionata şowsuz başlan madridliler «Ýuwentusyň» argentinaly ýarymgoragçysy Nikolas Gonzalesi möwsümiň ahyryna çenli kärendesine düzümine goşdy. «Atletiko» 27 ýaşyndaky oýunçyny indiki tomusda 35 million ýewro ymykly transfer hem edip biler.

Bu gezek ymykly transfer etdi. Geçen möwsümiň 2-nji ýarymynda kärendesine oýnan braziliýaly Antoni mundan soň «Betisiň» ymykly oýunçysy boldy. Ispan kluby 25 ýaşyndaky ýarymgoragçyny 22+3 million ýewro berip, transfer etdi. «Betis» Antoniniň indiki transferinden gazanyljak puluň deň ýarysyny «Mançester Ýunaýtede» berer. «Betis» «Fenerbahçeden» marokkoly ýarymgoragçy Sofiýan Amrabaty hem 1 ýyllyk kärendesine düzümine goşdy.

Mikautadze «La Ligada» oýnar. Ispaniýanyň «Wilýarreal» topary Fransiýanyň «Lion» klubunyň gruziýaly hüjümçisi Giorgi Mikautadzeni 36+5 million ýewro transfer etdi. Ispan topary 24 ýaşyndaky hüjümçi bilen 6 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Gruzin futbolçysy geçen tomusda «Metsden» «Liona» transfer bolup, fransuz klubunda 47 oýunda 17 gol geçiripdi.

«Sewilýa» weteran oýunçylary aldy. Sewilýa şäheriniň başga bir kluby «Sewilýa» italýan topary «Udinezeniň» çilili ýyldyzy Aleksis Sançesi tölegsiz transfer etdi. 36 ýaşyndaky Sançes 1 ýyllyk şertnama gol çekdi. Şeýle-de, «Atletiko Madridiň» 36 ýaşyndaky ispaniýaly goragçysy Sezar Azpilikueta erkin agent ýagdaýynda «Sewilýanyň» oýunçysy boldy. Tejribeli oýunçy andalusiýalylar bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy.

«Real Sosiedad» topary PSŽ-den ispaniýaly ýarymgoragçy Karlos Soleri 7 million ýewro transfer etdi. 28 ýaşyndaky oýunçynyň indiki transferiniň 50 göterimini hem parižliler alar. Soler täze kluby bilen 4+1 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

«La Liganyň» wekili «Alawes» topary ýurduň başga bir wekili «Wilýarrealdan» gaýdan 31 ýaşyndaky hüjümçi Denis Suaresi tölegsiz transfer etdi. Ispaniýaly oýunçy täze topary bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy.

BEÝLEKILER

«Fenerbahçe» ýyldyz futbolçylary transfer etdi. Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary geçen tomusda «Galatasaraýdan» «Benfika» transfer bolan türkiýeli ýarymgoragçy Kerem Aktürkogluny 22,5+2,5 million ýewro düzümine goşdy. 26 ýaşyndaky oýunçy «Fenerbahçe» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Şol sanda «Fenerbahçe» «Mançester Sitiniň» braziliýaly derwezeçisi Edersony 13 million ýewro transfer edip, onuň bilen 3+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. 32 ýaşyndaky derwezeçi türk toparyndan ýyllyk 11 million ýewro hak alar. «Fenerbahçe» topary PSŽ-den ispaniýaly winger Marko Asensiony 8,5 million ýewro transfer etdi. 29 ýaşyndaky oýunçy stambullylar bilen 3+1 ýyllyk ylalaşyk gazandy.

Ugurjan hem-de Ilkaý «Galatasaraýda». «Süper Ligiň» soňky 3 ýylynyň çempiony «Galatasaraý» ýurduň başga bir topary «Trabzonspordan» ýerli derwezeçi Ugurjan Çakyry 30 million ýewro transfer etdi. 29 ýaşly derwezeçi täze topary bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Şeýle-de, «Mançester Sitiniň» asly türk bolan germaniýaly ýarymgoragçysy Ilkaý Gündogan mundan soň karýerasyny «Galatasaraýda» dowam eder. Tölegsiz türk toparyna geçen 34 ýaşyndaky tejribeli ýyldyz oýunçy «Galatasaraý» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Galatasaraý» topary «Monakodan» 24 ýaşyndaky kot-d'iwuarly goragçy Wilfred Singony 30,8 million ýewro transfer edip, onuň bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

«Benfikanyň» täze ýyldyzlary. Portugaliýanyň «Benfika» kluby «Şahtýor Donesk» toparynyň 22 ýaşyndaky ukrainaly ýarymgoragçysy Georgi Sudakowy möwsümiň ahyryna çenli 6,75 million ýewro töleg bilen kärendesine transfer etdi. Lissabonlylar ony geljek tomusda 27+5 million ýewro töläp, ymykly düzümine goşup biler. Sudakow «Benfikada» 10-njy belgide oýnar. Şeýle-de, «Benfika» topary «Sewilýadan» 27 ýaşyndaky ýarymgoragçy Dodi Ludebakiony 20 million ýewro transfer etdi. Belgiýaly oýunçy portugal topary bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

«Çelsiniň» ýyldyzy «Bawariýada». Germaniýanyň «Bawariýa» topary «Çelsiniň» senegally hüjümçisi Nikolas Jeksony 1 ýyllyk möhlet bilen kärendesine transfer etdi. Münhenliler kärende tölegi hökmünde 16,5 million ýewrony «Çelsi» toparyna berer. Möwsümiň ahyrynda «Bawariýa» ony 65 million ýewro töläp, ymykly düzümine goşup biler.

Germaniýanyň «Werder» topary «Baýeriň» nigeriýaly hüjümçisi Wiktor Bonifeýsi düzümine goşdy. Bremenliler 24 ýaşyndaky oýunçy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy.

Taremi «Olimpiakosda», Pawar «Marselde». «Inter» toparynyň eýranly hüjümçisi Mehdi Taremi karýerasyny Gresiýada dowam eder. 33 ýaşyndaky hüjümçi Gresiýanyň «Olimpiakos» topary bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Grek kluby Tareminiň transferi üçin «Intere» 2,5 million ýewro berer. Taremi «Interde» geçen möwsüm 43 oýunda 3 gol geçirdi. «Inter» toparynyň başga bir oýunçysy, fransiýaly sag gyraky goragçy Benžamen Pawar öňümizdäki möwsümde Fransiýanyň «Marsel» toparynda oýnar. 29 ýaşyndaky oýunçy 1 möwsümlik kärendesine ylalaşyga gol çekdi.

5-nji sentýabr (anna)	
Daniýa – Şotlandiýa (23:45)	
Italiýa – Estoniýa (23:45)	
Ukraina – Fransiýa (23:45)	
6-njy sentýabr (şenbe)	
Ermenistan – Portugaliýa (21:00)	
Angliýa – Andorra (21:00)	
7-nji sentýabr (ýekşenbe)	
Russiýa – Katar (20:15)	
Litwa – Niderlandlar (21:00)	
Germaniýa – D. Irlandiýa (23:45)	
Türkiýe – Ispaniýa (23:45)	
8-nji sentýabr (duşenbe)	
Gresiýa – Daniýa (23:45)	
Ysraýyl – Italiýa (23:45)	
9-njy sentýabr (sişenbe)	
Fransiýa – Islandiýa (23:45)	
Wengriýa – Portugaliýa (23:45)	
Norwegiýa – Moldowa (23:45)	
Serbiýa – Angliýa (23:45)	
10-njy sentýabr (çarşenbe)	
Ekwador – Argentina (04:00)	
Boliwiýa – Braziliýa (04:30)	
Çili – Urugwaý (04:30)	
Wenesuela – Kolumbiýa (04:30)	

Piastri öňe saýlandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşy Niderlandlaryň Zandwoort şäheriniň adybir trassasynda geçirildi. 72 aýlawdan ybarat ýaryşda «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan bat alan ýaryşyny 1 sagat 38 minut 29,849 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 7-nji, karýerasy boýunça-da 9-njy ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda 2-nji orny «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen eýeläp, ol 4 ýaryşdan soň münbere çykdy. 3-nji orna «Racing Bulls» toparynyň 20 ýaşyndaky fransuz sürüjisi Isak Hadžar mynasyp boldy. Ol ilkinji gezek ýeňiş münberine çykmagy başardy.

Çempionlygyň dalaşgärlerinden «McLaren» toparynyň britaniýaly piloty Lando Norris ulagynda dörän näsazlyk sebäpli 64-nji aýlawda ýaryşdan çykdy. Şol sanda «Ferrari» toparynyň sürüjileri-de – Şarl Lekler bilen Lýuwis Hamilton ýaryşy tamamlap bilmediler.

Geçirilen 15-nji ýaryşdan soň Piastri 309 utuk bilen öňde barýar. 2-nji ýerdäki Norrisiň 275, 3-nji basgançakdaky Werstappeniň 205 utugy bar.

Möwsümiň 16-njy ýaryşy 7-nji sentýabrda Italiýanyň Monza şäherinde geçiriler.

Ožieniň 65-nji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 10-njy ýaryşy Paragwaýyň Enkarnasion şäherinde geçirildi. 335,22 kilometrlik 19 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşda Sebastian Ožie hemmeden öň pellehana gelmegi başardy. «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi ýaryşy 3 sagat 6,6 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 4-nji, karýerasy boýunça-da 65-nji ýeňşini gazandy. Onuň britaniýaly topardaşy Elfin Ewans ýeňijiden 26,2 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýaryşy 3-nji orunda tamamlady.

Möwsümiň tamamlanmagyna 4 ýaryş galanda, çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Sanawyň başynda Elfin Ewansyň ady bolup, onuň 198 utugy bar. «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera 191 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. Soňky ýaryşyň ýeňijisi Ožieniň 189 utugy bar. Ott Tanak bilen Tierri Noýwill degişlilikde, 180 we 150 utuk bilen 4-5-nji ýerlerde barýarlar.

Möwsümiň 11-nji ýaryşy 11-nji sentýabrda Çilide geçiriler.

«Mançester Ýunaýtediň» öňki 3 tälimçisi wezipesinden boşadyldy

Soňky 7 günüň dowamynda wezipesinden boşadylan tälimçileriň 3-siniň hem meňzeş ýeri olaryň «Mançester Ýunaýtediň» öňki tälimçileri bolmagydyr. Mälim bolşy ýaly, geçen hepdäniň ahyrynda türk klublary «Beşiktaş» norwegiýaly Ole Gunnar Sulşeri, «Fenerbahçe» bolsa portugaliýaly Žoze Mouriniony klubdan ugradypdylar. «Bundesliganyň» öňdebaryjy wekillerinden «Baýer» topary niderland tälimçisi Erik ten Hagy entek 2-nji tapgyrdan soň wezipesinden boşadypdy.

Ole Gunnar Sulşer şu ýylyň 25-nji ýanwarynda «Beşiktaşyň» tälimçisi bolupdy. 52 ýaşyndaky tälimçi türk klubunda 29 oýunda 15 ýeňiş gazandy, 5 duşuşykda deňme-deň oýnady (9 ýeňliş).

«Fenerbahçe» 62 ýaşyndaky tälimçiniň ýolbaşçylygynda 62 oýnuň 37-sinde ýeňiş gazandy. 14 oýunda deňme-deň oýnap, 111 duşuşykda-da ýeňlişe sezewar boldy.

2 aý öň wezipä bellenen Erik ten Hagyň tälimçiliginde «Baýer» topary 2-si çempionatda jemi 3 resmi duşuşyk geçirdi. Şolarda 1 ýeňiş, 1 deňlik, 1 ýeňliş netijeleri hasaba alyndy.

Ady agzalan we häzirki wagtda toparsyz galan 3 tälimçi hem bir döwürlerde «Mançester Ýunaýtedi» türgenleşdiripdi. Žoze Mourinio 2016-njy ýylyň maýyndan 2018-nji ýylyň dekabryna çenli «Ýunaýtediň» tälimçisi bolupdy. Onuň wezipeden boşadylmagyndan soň bolsa, dessine Ole Gunnar Sulşer toparyň tälimçiligine bellenipdi. Sulşer bu wezipede 2021-nji ýylyň noýabryna çenli işledi. Ondan soň 2 hünärmen – ilki Maýkl Kerrik, soňra Ralf Ragnink «Ýunaýtediň» wagtlaýynça tälimçileri bolupdy. 2022-nji ýylyň maýynda bolsa Erik ten Hag toparyň tälimçiligine bellenipdi. Ol hem öňki kärdeşleri ýaly uzak galman, 2024-nji ýylyň oktýabrynda ornuny ýitiripdi. Onuň ornuna wagtlaýynça Ruben wan Nistelrooý wezipä bellenipdi.

Mahlasy, «Mançester Ýunaýtediň» häzirki tälimçisi Ruben Amorime çenli soňky 9 ýylda (wagtlaýynça bellenenler hasaba alynmanda) esasy 3 tälimçisi soňky klublaryndan wezipesinden boşadyldy.

UEFA Çempionlar Ligasynyň 71-nji möwsüminiň bijeleri çekildi

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümde liga tapgyrynda çykyş etjek 36 klub belli bolup, olaryň özara geçirjek duşuşyklarynyň bijeleri çekildi. Monte-Karlo şäherinde geçirilen bije çekiliş dabarasyna şwesiýaly Zlatan Ibrahimowiç hem-de braziliýaly Rikardo Kaka Leite gatnaşdy. Dabaranyň başynda UEFA-nyň Prezidenti Aleksander Çeferin şwesiýaly ýyldyz oýunçy Zlatan Ibrahimowiçe UEFA-nyň Prezidentiniň ýörite baýragyny gowşurdy.

Bije çekiliş emeli aňyň hem kömegi bilen awtomatik usulda geçirildi. Ýagny saýlanan toparyň haýsy toparlar bilen bäsleşjekdigi kompýuteriň kömegi esasynda kesgitlenildi. Toparlar her torbadan 2 klub bilen bäsleşer we 8 oýnuň netijesinde iň köp utuk alan 8 topar 1/8 finala çykar. 9-24-nji ýeri eýelänler bolsa goşmaça pleý-off duşuşygyny geçirer we olaryňam 8-si 1/8 finala goşular. Her klub 8 duşuşygyň 4-sini öz meýdançasynda, 4-sini myhmançylykda oýnar.

Taryhynda ilkinji gezek gatnaşýan «Kairatyň» bäsdeşleriniň biri-de Madridiň «Realy» bolar. Başgaça aýdylanda, almatyly futbol janköýerleri öz şäherlerinde Ýer şarynyň iň uly klubunyň duşuşygyna tomaşa ederler. «Kairat» öz meýdançasyndaky beýleki 3 duşuşykda «Olimpiakos», «Pafos», «Klub Brýugge» ýaly iň bolmanda, deňme-deň oýnap biljek toparlary bilen duşuşyk geçirer. Şol bir wagtyň özünde «Kairat» myhmançylykda «Inter», «Arsenal» ýaly klublar bilen duşuşar.

Soňky çempion PSŽ-niň bijesine çykan toparlaryň arasynda Germaniýadan 2, Angliýadan 2, Ispaniýadan 2 topar bar. Çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden «Liwerpul» topary «Real Madrid», «Inter» ýaly klublar bilen özara duşuşyk geçirer. «Real Madridiň» «Liwerpuldan» başga-da güýçli garşydaşlary bolup, ispan kluby «Ýuwentus», «Mançester Siti» ýaly toparlar bilenem bije çekişdi. Çempionlygyň başga bir dalaşgäri «Barselonanyň» bijesi o diýen agyr bolman, katalonlaryň liga tapgyryndaky iň esasy garşydaşlary PSŽ bilen «Çelsi» klublary bolar. Finalçy «Inter» öz meýdançasynda Londonyň 2 wekili «Çelsi» bilen «Arsenaly» kabul etse, «Bawariýa» hem şol iki iňlis kluby bilen duşuşar.

Germaniýanyň «Aýntraht» toparynyň bijesine çykan klublaryň diňe birinden galany, ýagny «Garabagdan» başgasy yklymyň öňdebaryjy toparlary boldy. 17 ýyldan soň Norwegiýanyň adyndan wekilçilik etjek ilkinji topar, ýaryşyň debýutanty «Bude-Glimt» toparynyň hem bijesi o diýen ýeňil bolmasa gerek. Öz meýdançasynda «Tottenham», «Monako», «Ýuwentus», «Mançester Siti» klublaryny kabul etjek «Bude-Glimt» topary «Slawiýa», «Galatasaraý», «Borussiýa», «Atletiko» ýaly klublaryňam myhmany bolar.

Niderlandlaryň wise-çempiony «Aýaksyň», debýutantlar «Kairat» bilen «Pafosyň» 7 garşydaşynyň hersi-de başga-başga ýurtlara degişlidir. Başgaça aýdylanda, olar hiç ýurduň 2 topary bilen güýç synanyşmazlar.

Grekleriň «Olimpiakos» topary hem «Barselona», hem-de «Real Madrid» bilen duşuşjak ýeketäk klub boldy. «Olimpiakos» şol bir wagtyň özünde 2 niderland topary bilenem duşuşar.

Käbir futbolçylar ýa-da tälimçiler üçin käbir duşuşyklaryň özboluşly ähmiýeti bolup, olar ozal çykyş eden klublaryna garşy meýdança çykmaly bolarlar.

Bijä laýyklykda, futbol janköýerlerine bu möwsümde has köp gyzykly duşuşyklar garaşýar. Şolaryň arasynda PSŽ – «Bawariýa», «Barselona» – PSŽ, «Real Madrid» – «Mançester Siti», «Liwerpul» – «Real Madrid», «Real Madrid» – «Ýuwentus», «Mançester Siti» – «Borussiýa Dortmund», «Bawariýa» – «Çelsi», «Arsenal» – «Bawariýa», «Inter» – «Liwerpul», «Liwerpul» – «Atletiko Madrid», «Borussiýa Dortmund» – «Inter», «Inter» – «Arsenal», «Çelsi» – «Barselona», «Arsenal» – «Atletiko Madrid» we ýene-de ençeme gyzykly duşuşyklary agzamak bolar.

1-nji duşuşyklar

16-njy sentýabr (sişenbe)			
Atletik B	21:45	Arsenal	–
PSW	21:45	Ýunion S.Žilluaz	–
Ýuwentus	00:00	**Borussiýa D**	–
Real Madrid	00:00	Marsel	–
Benfika	00:00	Garabag	–
Tottenham	00:00	Wilýarreal	–

17-nji sentýabr (çarşenbe)			
Olimpiakos	21:45	Pafos	–
Slawiýa Praga	21:45	Bude-Glimt	–
Aýaks	00:00	Inter	–
Bawariýa	00:00	**Çelsi**	–
Liwerpul	00:00	**Atletiko**	–
PSŽ	00:00	Atalanta	–

18-nji sentýabr (penşenbe)			
Klub Brýugge	21:45	Monako	–
Kopengagen	21:45	Baýer	–
Aýntraht	00:00	Galatasaraý	–
Mançester Siti	00:00	**Napoli**	–
Nýukasl	00:00	**Barselona**	–
Sporting	00:00	Kairat	–

2-nji duşuşyklar

30-njy sentýabr (sişenbe)			
Atalanta	21:45	Klub Brýugge	–
Kairat	21:45	Real Madrid	–
Atletiko	00:00	Aýntraht	–
Çelsi	00:00	**Benfika**	–
Inter	00:00	Slawiýa Praga	–
Bude-Glimt	00:00	Tottenham	–
Galatasaraý	00:00	**Liwerpul**	–
Marsel	00:00	Aýaks	–
Pafos	00:00	Bawariýa	–

1-nji oktýabr (çarşenbe)			
Garabag	21:45	Kopengagen	–
Ýunion S.Žilluaz	21:45	Nýukasl	–
Arsenal	00:00	Olimpiakos	–
Monako	00:00	Mançester Siti	–
Baýer	00:00	PSW	–
Borussiýa D	00:00	Atletik B	–
Barselona	00:00	**PSŽ**	–
Napoli	00:00	Sporting	–
Wilýarreal	00:00	Ýuwentus	–

3-nji duşuşyklar

21-nji oktýabr (sişenbe)			
Barselona	21:45	Olimpiakos	–
Kairat	21:45	Pafos	–
Arsenal	00:00	**Atletiko**	–
Baýer	00:00	**PSŽ**	–
Kopengagen	00:00	Borussiýa D	–
Nýukasl	00:00	Benfika	–
PSW	00:00	**Napoli**	–
Ýunion S.Žilluaz	00:00	Inter	–
Wilýarreal	00:00	**Mançester Siti**	–

22-nji oktýabr (çarşenbe)			
Atletik B	21:45	Garabag	–
Galatasaraý	21:45	Bude-Glimt	–
Monako	00:00	Tottenham	–
Atalanta	00:00	Slawiýa Praga	–
Çelsi	00:00	Aýaks	–
Aýntraht	00:00	**Liwerpul**	–
Bawariýa	00:00	Klub Brýugge	–
Real Madrid	00:00	**Ýuwentus**	–
Sporting	00:00	Marsel	–

4-nji duşuşyklar

4-nji noýabr (sişenbe)			
Slawiýa Praga	22:45	Arsenal	–
Napoli	22:45	Aýntraht	–
Atletiko	01:00	Ýunion S.Žilluaz	–
Bude-Glimt	01:00	Monako	–
Ýuwentus	01:00	Sporting	–
Liwerpul	01:00	**Real Madrid**	–
Olimpiakos	01:00	PSW	–
PSŽ	01:00	**Bawariýa**	–
Tottenham	01:00	Kopengagen	–

5-nji noýabr (çarşenbe)			
Pafos	22:45	Wilýarreal	–
Garabag	22:45	Çelsi	–
Aýaks	01:00	Galatasaraý	–
Klub Brýugge	01:00	Barselona	–
Inter	01:00	Kairat	–
Mançester Siti	01:00	**Borussiýa D**	–
Nýukasl	01:00	Atletik B	–
Marsel	01:00	Atalanta	–
Benfika	01:00	Baýer	–

5-nji duşuşyklar

25-nji noýabr (sişenbe)			
Aýaks	22:45	Benfika	–
Galatasaraý	22:45	Ýunion S.Žilluaz	–
Borussiýa D	01:00	Wilýarreal	–
Çelsi	01:00	**Barselona**	–
Bude-Glimt	01:00	Ýuwentus	–
Mançester Siti	01:00	**Baýer**	–
Marsel	01:00	Nýukasl	–
Slawiýa Praga	01:00	Atletik B	–
Napoli	01:00	Garabag	–

26-njy noýabr (çarşenbe)			
Kopengagen	22:45	Kairat	–
Pafos	22:45	Monako	–
Arsenal	01:00	**Bawariýa**	–
Atletiko	01:00	**Inter**	–
Aýntraht	01:00	Atalanta	–
Liwerpul	01:00	PSW	–
Olimpiakos	01:00	Real Madrid	–
PSŽ	01:00	**Tottenham**	–
Sporting	01:00	Klub Brýugge	–

6-njy duşuşyklar

9-njy dekabr (sişenbe)			
Kairat	20:30	Olimpiakos	–
Bawariýa	22:45	Sporting	–
Monako	01:00	Galatasaraý	–
Atalanta	01:00	**Çelsi**	–
Barselona	01:00	Aýntraht	–
Inter	01:00	**Liwerpul**	–
PSW	01:00	Atletiko	–
Ýunion S. Žilluaz	01:00	Marsel	–
Tottenham	01:00	Slawiýa Praga	–

10-njy dekabr (çarşenbe)			
Garabag	22:45	Aýaks	–
Wilýarreal	22:45	Kopengagen	–
Atletik B	01:00	PSŽ	–
Baýer	01:00	Nýukasl	–
Borussiýa D	01:00	Bude-Glimt	–
Klub Brýugge	01:00	Arsenal	–
Ýuwentus	01:00	Pafos	–
Real Madrid	01:00	**Mançester Siti**	–
Benfika	01:00	**Napoli**	–

7-nji duşuşyklar

20-nji ýanwar 2026 (sişenbe)			
Kairat	20:30	Klub Brýugge	–
Bude-Glimt	22:45	Mançester Siti	–
Kopengagen	01:00	Napoli	–
Inter	01:00	**Arsenal**	–
Olimpiakos	01:00	Baýer	–
Real Madrid	01:00	**Monako**	–
Sporting	01:00	**PSŽ**	–
Tottenham	01:00	**Borussiýa D**	–
Wilýarreal	01:00	Aýaks	–

21-nji ýanwar 2026 (çarşenbe)			
Galatasaraý	22:45	**Atletiko**	–
Garabag	22:45	Aýntraht	–
Atalanta	01:00	Atletik B	–
Çelsi	01:00	Pafos	–
Bawariýa	01:00	Ýunion S. Žilluaz	–
Ýuwentus	01:00	**Benfika**	–
Nýukasl	01:00	PSW	–
Marsel	01:00	**Liwerpul**	–
Slawiýa Praga	01:00	Barselona	–

8-nji duşuşyklar

28-nji ýanwar 2026 (çarşenbe)			
Aýaks	01:00	Olimpiakos	–
Arsenal	01:00	Kairat	–
Monako	01:00	Ýuwentus	–
Atletik B	01:00	Sporting	–
Atletiko	01:00	Bude-Glimt	–
Baýer	01:00	Wilýarreal	–
Borussiýa D	01:00	**Inter**	–
Klub Brýugge	01:00	Marsel	–
Aýntraht	01:00	Tottenham	–
Barselona	01:00	Kopengagen	–
Liwerpul	01:00	Garabag	–
Mançester Siti	01:00	**Galatasaraý**	–
Pafos	01:00	Slawiýa Praga	–
PSŽ	01:00	Nýukasl	–
PSW	01:00	Bawariýa	–
Ýunion S.Žilluaz	01:00	Atalanta	–
Benfika	01:00	**Real Madrid**	–
Napoli	01:00	**Çelsi**	–

Yewropa Ligasynda 55-nji, Konferensiýa Ligasynda 5-nji möwsüm

UEFA Ýewropa Ligasynda-da «Roma», «Porto», «Feýenoord», «Aston Willa», «Lion», «Betis», «RB Salsburg» ýaly klublaryň atlary öňe çykýar. Gatnaşýan 36 klub 23 ýurda wekilçilik edýär. Bu ýaryşda iň köp kluby bolan ýurtlar Fransiýa bilen Niderlandlaryň hersinden 3 topar orun alar. «Nottingam Forest» topary 30 ýyldan soň UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýar. Niderlandlaryň «Gou Ehed Iglz» topary ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda özüni synap görer.

«Betis» — «Nottingam Forest», «Aston Willa» — «Bolonýa», «Fenerbahçe» — «Ştutgart», «Nottingam Forest» — «Porto», «Feýenoord» — «Aston Willa», «Betis» — «Lion», «Feýenoord» — «Seltik», «Fenerbahçe» — «Aston Willa», «Roma» — «Ştutgart», «Panatinaikos» — «Roma», «Porto» — «Reýnjers», «Betis» — «Feýenoord» duşuşyklaryny liga tapgyrynyň öňe saýlanýan oýunlary diýip görkezmek bolar.

Duşuşyklar 24–25-nji sentýabrda, 2-nji we 23-nji oktýabrda, 6-njy we 27-nji noýabrda, 11-nji dekabrda hem-de geljek ýylyň 22-nji we 29-njy ýanwarynda geçiriler. UEFA Ýewropa Ligasynyň 55-nji möwsüminiň finaly 2026-njy ýylyň 20-nji maýynda Türkiýäniň Stambul şäherindäki «Beşiktaş» stadionynda oýnalar.

UEFA Ýewropa Ligasy 2025/26 möwsüminiň liga tapgyrynda çykyş etjek klublar:

Nissa, Lion, Lill (Fransiýa), Feýenoord, Gou Ehed Iglz, Utreht (Niderlandlar), Aston Willa, Nottingam Forest (Angliýa), Bolonýa, Roma (Italiýa), Selta, Betis (Ispaniýa), Reýnjers, Seltik (Şotlandiýa), Fraýburg, Ştutgart (Germaniýa), Porto, Braga (Portugaliýa), Bazel, Ýang Boýz (Şweýsariýa), Panatinaikos, PAOK (Gresiýa), Şturm Gras, RB Salsburg (Awstriýa), Srwena Zwezda (Serbiýa), Dinamo Zagreb (Horwatiýa), FKSB (Rumyniýa), Genk (Belgiýa), Malmö (Şwesiýa), Brann (Norwegiýa), Midtýullann (Daniýa), Fenerbahçe (Türkiýe), Ferenswaroş (Wengriýa), Ludogores Razgrad (Bolgariýa), Wiktoriýa Plzen (Çehiýa), Makkabi Tel-Awiw (Ysraýyl).

* * *

UEFA-nyň 3-nji derejeli klub ýaryşy Konferensiýa Ligasynda 2 gezek finalda utulan «Fiorentina», şol sanda Ukrainanyň 2 kluby «Şahtýor Donesk» bilen «Dinamo Kiýew» hem-de «Kristal Palas» (Angliýa) ýaly toparlar çempionlygyň esasy dalaşgärleri hökmünde görkezilýär. AZ, AEK, «Strasbur», «Maýns», «Sparta Praga», «Raýo Wallekano» ýaly klublar hem öňe saýlanýan beýleki toparlar hasaplanýar. «Hamrun Spartans» topary hem ýaryşa gatnaşyp, ol Maltanyň adyndan UEFA-nyň ýaryşlarynyň final tapgyrynda çykyş etjek ilkinji klub bolar. Umumylykda, Ýewropa Ligasynda 29 ýurtdan 26 klub çykyş edip, «Kristal Palas», «Drita», «Hamrun Spartans», «KuPS», «Raýo Wallekano», «Samsunspor», «Şelburn», «Şkendiýa», «Sigma Olomous», «Uniwersitatea Kraiowa» klublary ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda final tapgyrynda oýnarlar. Polşadan 4 klub wekilçilik edip, UEFA-nyň taryhynda ilkinji gezek polýak klublarynyň 4-si birbada ýaryşa gatnaşýar.

UEFA Konferensiýa Ligasynda toparlar 6 duşuşyk geçirip, duşuşyklar 2-nji we 23-nji oktýabrda, 6-njy we 27-nji noýabrda, 11-nji hem-de 18-nji dekabrda oýnalar. «Dinamo Kiýew» — «Kristal Palas», «Fiorentina» — «Dinamo Kiýew» duşuşyklaryny öňe saýlanýan oýunlar hökmünde görkezmek bolar. UEFA Konferensiýa Ligasynyň 5-nji möwsüminiň finaly 2026-njy ýylyň 27-nji maýynda Germaniýanyň Leipsig şäherindäki «Red Bull Arenada» oýnalar.

UEFA Konferensiýa Ligasy 2025/26 möwsüminiň liga tapgyrynda çykyş etjek klublar:

Ýagelloniýa Belastok, Leh Poznan, Legiýa Warşawa, Rakuw Çenstohowa (Polşa), Dinamo Kiýew, Şahtýor Donesk (Ukraina), Şamrok Rowers, Şelburn (Irlandiýa), Sparta Praga, Sigma Olomous (Çehiýa), Omoniýa, AEK Larnaka (Kipr), Aberdin (Şotlandiýa), AEK Afiny (Gresiýa), AZ Alkmaar (Niderlandlar), Kristal Palas (Angliýa), BK Haken (Şwesiýa), Breidablik (Islandiýa), Selýe (Sloweniýa), Drita (Kosowo), Fiorentina (Italiýa), Hamrun Spartans (Malta), KuPS (Finlýandiýa), Lozanna-Sport (Şweýsariýa), Linkoln Red Imps (Gibraltar), Maýns (Germaniýa), Noa (Ermenistan), Rapid Wien (Awstriýa), Raýo Wallekano (Ispaniýa), Riýeka (Horwatiýa), Samsunspor (Türkiýe), Şkendiýa (D. Makedoniýa), Slowan Bratislawa (Slowakiýa), Strasbur (Fransiýa), Uniwersitatea Kraiowa (Rumyniýa), Zrýinski Mostar (Bosniýa we Gersegowina).

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler!

Hormatly ildeşler! «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:
(+993 12) **44-03-04**, (+993 12) **44-35-74**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.